OZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYN YOKARY WE YORITE ORTA BILIM MINISTRLIGI

BERDAK ADYNDAKY GARAGALPAK DOWLET UNIWERSITETI

GARAGALPAK FILOLOGIYaSY FAKUL`TETI

TURKI FILOLOGIYaSY KAFEDRASY

Fakultet dekany:
______________ dots. Turdybaew K
«_______» _________ 2011-nji yyl

5220100 – filologiya we dilleri okatmak (turkmen filologiyasy) bakalawr ýönelişiniň 4-kurs talyby Muhammedowa Narżemalyň «**Şükiriniň döredižiliginde romantiki stil`**» mowzugyndaky

# Gutardyş kesplik işi

Goramaga rugsat berildi
Türki filologiýa kafedrasynyň mudiri:
_______ Adilowa G.

Ylmy ýolbaşçylar:
_________f.i.k.Sagidullaewa Z.
__________ ass. Awezklycewa S.

«______» _____________ 2011 –nji yyl

**NOKUS- 2011**

Döwlet Attestatsiýa komissiýasynyň

KARARY

5220100 – filologiya we dilleri okatmak (turkmen filologiyasy) bakalawr ýönelişiniň 4-kurs talyby Muhammedowa Narżemalyň «**Şükiriniň dörediżiliginde romantiki stil`**» dien mowzukdaky gutardyş kesplik işine

«________» ball goyulsyn

DAK başlygy: ____________ ______________________

DAK orunbasary: ___________ ________________________

DAK agzalary: ____________ ________________________

_____________ _________________________

______________ _________________________

Mowzuk. **Şüküriniň dörediżiliginde romantiki stil`.**

Meyilnama.

Giriş.
I.Bap. Şüküriniň lirikasynda romantiki motiwler.
1. Romantizmiň ideya-estetiki esaslary we Şüküriniň lirikasy.
2.Romantiki lirikada sotsial mesele we ceper oýlanyş.
II.Bap. Romantiki lirikada xasiet problemasy we ony yuze cykarmakda sub`ektiw-emotsional dap.
1. Şüküriniň lirikasynda xasiet problemasy.
2. Şüküriniň lirikasynda romantiki peýzaż.
Netiże.
Peydalanylan edebiýatlaryň sanawy.

## Giriş.

Turkmen dowleti halkyň geçmişde doreden progressiw ruhy baylygyny ayawly gorp saklamak, ony neşir edip, okyżylar kopculigine etirmek barada hemişe alada edyar, şol ruhy baylygy doreden we bize miras galdyran ogullara uly sarpa goyyar. Olaryň atlaryny ebedileşdirmek maksady bilen mohum syyasy hem-de medeni careleri durmuşa geciryar.

Turkmen halkynyň şeýle ogullarynyň biri-de «ideal romantik» Abdyşükür Şüküridir.

Abdyşükur ibni Artyk bin Serheň bin Gurban bin Babaş XIX asyrda Samarkant, Buhara sebitlerinde ýaşap gecen turkmen şahyrydyr. Bu barada şahyryň «Şikaýat kylay» atly awtobiografik poemasynda şeýle maglumat beryar:

Mulki-Fergana mesgenim erdi,
Mesgeni-asaýyş tenim erdi.
Nesebim turkmen serefrazy,
Serferazlar arasyda gazy.
Bul pakyry-muhakkary-dilriş,
Ibni Artyk beg şeżagetkiş.
Ibni Serhen serweri saedar,
Mal tapar guşbegi nik sier.
Ahli-nusrat arasyda kamil,
Ibni Babaş atalyk hudkam,
Ruzy-meydan gylyży bark huram.[1]

Şüküri şahyryň edebi lakamydyr. Onuň hakyky adynyň Abdyşükür bolandygyny şahyryň XIX asyryň ortalarynda yazylan diwany tassyklayar. Bu erde Şüküriniň Samarkantda ýaşandygy hem-de oran sowatly şygyrlar doredendigi gysgaca bellenip gecilyar.

1. Şaxyryň döredižiligine degişli bu bölüm «Gündogar Türkmenstanyň XIX asyrdaky edebiyatynyň taryxyndan» atly monografiýadan alyndy. Aşgabat 1970.

Şüküri Ferganada dunya inipdir. Bu hakda onuň emir Nasrulla sowgat beren diwanynda şeýle maglumat berilyar: «Mowludim beledeyi-Fergana, nesebim turkmen, alaatly erdi ». Bu maglumatdan şahyryň nebereleriniň asly oturymynyň buharaly turkmenlerden, yagny hazirki Alat rayonyndan (Alaat) bolandygy hem gorunyar.

Şüküriniň doglan wagtyny takyk anyklamak kyn. Sebebi onuň ýaşyny gorkezyan seneler yok. Şonuň ucin hem onuň eserlerinde gorkezyan taryhy wakalara we wasp edilyan şahslara esaslanyp, takmyny kesgitlemek mumkin. Onuň şeýle hasietdaki ilkinżi şygyry «Şerigat» atly mesnewi bolup, ol 1815-nżi yylda yazylypdyr. Bu dowri şahyryň döredižilik ukybynyň kämilleşen dowri diyip gorkezmek mumkin. Şeýle bolsa onda eke-tak şu mysal hem onuň XVIII asyryň ahyrlarynda dogulandygyna esas beryar. Şahyryň aradan cykan dowri şu usulda kesgitlenilse, onda 1840-nży yyllary gorkezmek mumkin. Onuň iň soňky seneli şygry şu yyllara düşýär.

Şüküriniň bilimi hakda, yagny onuň haysy şäherde we haysy medresede okandygy hakynda hem takyk maglumat yok. Şeýle-de bolsa, onuň yokary cepercilik bilen yazylan eserleri döwrüniň yokary bilimini alandygyna şaýatlyk edyar. Ol diňe medreselerde okalyan sapaklar bilen caklenman, Gundogar edebiýadynyň durdane nusgalaryny okamak arkaly oz bilimini artdyrypdyr. Ol bu nusgalardan gorelde alyp enceme ażaýyp şygyrlar doredipdir.Şüküriniň Nowaya hem-de Fuzula ayratyn hormat goyandygyny,durmuş we soygi meselelerini teswirlemekde olaryň beyan ediş usullaryndan peydalanandygyny bu şahyrlaryň gazallaryna yazan peyrew şygyrlary hem subut edyar. Ondan hem başga şahyr halk döredižiligi eserlerini, esasan-da dessanlary okamak bilen oz liriki gahrymanynyň duygularyny şu eserlerdaki gahrymanlaryň hasietleri bilen utgaşdyryp bermegi başarypdyr.

---

Şüküri medresani gutarandan soň, ene-de Fergana dolanypdyr we dogduk erinde işläp başlapdyr. Onuň kari hem bize malim dal, Ferganadaky alymlaryň, şahyrlaryň arasynda Şüküriniň abyrayy uly bolupdyr. Şeýle-de bolsa, oňa bu erde uzak işlemek miesser bolmayar. Alymlar bilen bir gezekki duşyşykda Kaba zyyarata

gitmek barada gürrüň cykyar. Şonda Şüküri hem Kabani gormegi hem-de goňşy yartlara syyahat etmegi berk yuregine duwyar:

Bir gun alymy kylyp takdyr,
Kagba owsafyn eyledi bir-bir.
Galmady huş ygtyyar maňa,
Dagy asaýyşu-karar maňa.[1]

Şüküriniň Kaba tarap ugramagy bolsa, ony gaydyp Ferganany gormekden mahrum edyar. Şahyr Bize nabelli bolan kyncylyklar zerarly zordan Samarkanda gelip düşýär:

Ýolnuň esbabyny durust eylap,
Kagba sary saparny cust eylap,
Katgy-rah nice menazyl edip,
Renżi-kulpet bu yolda hasyl edip,
Cun Samarkant diyaryga etdim,
Kasdy-zowwar bezirgen etdim.[2]

Bu maglumatlary beryan eke-tak çeşme şahyryň «Şikaýat kylay» atly awtobiografik eseridir. Bu erde wakalar oran gysgaca beyan edilyanligi ucin enceme soraglary żogapsyz galdyrmaly bolyar. Şahyryň yoluny dowam etdirmegine ya-da bolmasa yzyna- Fergana dolanmagyna nahili ýagdaýlaryň pasgel berendigini bilmek kyn. Şeýlelikde, Şüküri ta ömrüniň ahyryna cenli Samarkant we Buhara sebitlerinde ýaşamaly bolupdyr.

[1] Abdyşükür-Şüküri. Inw.2163, 172 sax.
[2] Şol erde, 66sax.

Şahyr Samarkanda gelenden soň, ep-esli wagt gecirip, iş gozlegine cykyar. Ol bilimine gora iş tapyp bilmeyar. Ahyrda bolsa Samarkant hanynyň köşgünde saklanyar, ony işe kabul edyarler:

Kyldy gullykga kabul şahy-mugalla dereżat,
Şükürylla ki maňa üşbu kemaly hasanat.[1]

Şahyryň nahili işe bellenendigi malim dal. Biziň pikirimizce, ol köşgi haşamlamak ucin nagyşgärlik karine bellenen bolsa gerek. Sebabi ol biografik şygyrlarynda bu käriniň bolandygyny aşakdaky setirler bilen aňladýar:

Sungatym erdi serecsazende,
Guwne-guwne nukuş terazende.
Uşbu kesbimi ygtyyar etdim,
Xunarim ilge äşgär etdim.[2]

Şahyryň hunari kop adamlary ozune cekyar. Oňa uly hormat goyap ugrayarlar:

Sungatym boldy dilneşin heme,
Wagty-tesellim aferin heme.
Endek-endek kop aşna tapdym,
Tengi wagytdan feza tapdym.[3]

Şunuň yaly abyrayly bolanlygy ucin Şüküri şa köşgüne işe kabul edilen bolsa gerek. Köşkdäki iş şahyryň gownunden turmayar. Sebabi ol bu işden gelyan düşewünt bilen eklenip bilmeyar. Xatda alyan haky bol-elin iymitine-de etmeyar.

---

1. Şol erde 66 sax.
[2] Inw. 2163, 174 sax.
[3] Şol erde. 175.

Şahyr her hili yol bilen Samarkantdan gitmekci bolupdyr. Emma şahyryň bu islegi başa barmandyr. Şonuň ucin hem ol  oz watanynyň hem-de syyahat etmegiň arzuwynda ýaşamaly bolupdyr:

Goymaz erdi nesibeyi-ezeli,
Rahy-azmy köňülde erdi weli.[1]

Aradan birnace wagt gecenden soň, şahyryň ýoldaşlary oňa oylenmegi maslahat beripdirler. Emma şahyr muňa curt kesik garşy cykypdyr. Sebabi ol Ferganada galan söýgülisiniň arzuwynda ýaşapdyr. Şeýle-de bolsa kop wagt gecenden soň Şüküri ozuni oran ýalňyz duyapdyr. Maşgalaly ýaşamagyň gamyny iyipdir. Edil şu pursatda hem onuň yanyna bir ýoldaşy gelip, bar bolan bir mynasyp maşgala oylenmegi maslahat beryar. Ol adam Şükürä oz tanyşynyň maslahata iberendigini habar beryar. Onuň tanyşy oz gyzyny Şükürä bermeklige razy ekendigini aytmaga iberipdir. Ol Şükürini ozi yaly pukara, kicigowunli we sada adam hasaplapdyr. Şonuň ucin Şükürini oz oyunde ýaşamaga we oz gyzyna oylenmage cagyrypdyr.

Diyr mysapyr ozum yaly goşular,
Dagy perzendim oz oyunde bolar.
Saňa perzendini gorup layyk,
Eyledi meni muhbury-sadyk.
Gelgil any sen ygtyyar etgil,
Cekgil akdyňa, ruzgar etgil.[2]

Şeýle-de bolsa, Şüküri oňa birbada żogap bermeyar. Ol Ferganany yadyna salyar  we oz dogduk diyaryndan oylenip bilmandigine gaty gynanyar. Ol oz

[1] Şol erde 175 sax.
[2] Şol erde 178 sax.

soygulisinden ayra salan pelekden zeyrenyar. Emma onuň Fergana dolanmaga mumkinciligi bolmansoň, bialac halatda durmuş gurmaly bolupdyr. Şeýlelikde, şahyr ýoldaşynyň maslahat beren gyzyna oylenipdir:

Nice yyl saz ruzugar etdim,
Bir mukam icre perde saz etdim.
Xic yamanlyk gormedim andan,
Ýagşylyk hem kem bolmady menden.[1]

Bu setirlerden görnüşi yaly, Şüküri oz maşgalasy bilen oran bagytly ýaşapdyr. Şeýle-de bolsa, onuň şatlygy uzaga cekmandir. Şüküriniň gazanżynyň az bolanlygy zerarly gelniniň hossarlary yrsarap ugrayarlar. Ony gelmişek we yat adam hokmunde goryarler. Durli bahanalar bilen şahyra ez`et yamanyny berip ugrayarlar:

Onuň bar idi bir enesi hem,
Ol enäniň ene balasy hem.
Meni anlar ozuge gayry bilip,
Bir-birine geňeş kylyp, yygylyp,
Saldy başymga yuz tumen gowga,
Nice yok pitnani kylyp berpa.[2]

Şüküriniň maşgala durmuşynda bolan soňky özgerişlikler barada maglumat yok. Yone şahyryň «Şikaýat kylay» atly biografik şygrynda beryan żemlemeleri onuň ekelikde ýaşamagy yuregine duwendigini belli-kulli gorkezyar. Ol syyahata gidyan ya-da yardundan ayra düşen adamlara yuzlenip, yat erden oylenmezligi maslahat beryar. Dost-ýaryň, dogan-garyndaşyň yok erinde, düşewüntli işiň bolmadyk wagtynda maşgala gurmagyň kyndygyny oz mysalynda düşündirýär. Bu pikir,

[1] Inw 2163, 178sax.
[2] Şol erde 179 sax.

elbetde, şahyryň dowri we şahsy durmuşy bilen baglanyşykly aydylan pikirdir. Şonuň ucin oňa tankydy goz bilen garap, şeýle pikiriň hemme kişä we her bir dowre layyk gelmeyandigini bellemeli. Şeýle-de bolsa, şahyr her hili yol bilen oz watanyna dolanmagyň aladasyny etmek, żuda bolmasa, mahriban iliň arzuwynda ýaşamak pikirlerini oran tasirli berip bilipdir:

Oz iliňni gorerge zar olgun,
Gam-gaygyda dilefkar olgun.
Gayry mulkide kim tagalluk eder,
Olmey oňa tamug azaby eter.[1]

1826-nży yylda, yagny Buhara emirliginiň tagtyna emir Nasrullanyň oturan dowrunde hem Şüküriniň Samarkantda ýaşanlygy hakynda maglumat bar. Emir Nasrulla tagta gecenden bir yyl soň oz nebereleriniň biri Abdymomin begi Samarkant hany wezipesine belleyar. Maddy etmezçiliginiň, jay ýagdaýynyň yaramazlygy Şükürini, komek bermegini sorap, ine, şu bege yuz tutmaklyga meżbur edipdir. Kişiniň gaygysyna agyry etmeyan beg şahyryň haýyşyna uns hem bermandir. Gaytam, bu haýyş şahyry öňküden hem beter betbagytcylyga ducar edipdir. Onuň nagyşgärlik ussatlygyny goren beg şahyr baradaky habary Nasrullanyň gulagyna etiripdir. Şeýlelikde, Şüküri dogduk şäheri Ferganadan barha daşlaşyp, Buhara gitmeli bolupdyr. Şunlukda, XIX asyryň 20- nji ýyllarynyň ahyrynda, 30-njy ýyllaryň başynda ol Buharada emir Nasrullanyň köşgünde işe kabul edilipdir.

Emir Nasrulla oz köşgünde durli hunardaki ussalary saklapdyr. O lbu honarmentleri gul hokmunde işledip, owadan jaylary, köşkleri saldyrypdyr. Şüküri hem şeýle ussalaryň biri bolupdyr. Bu barada şahyryň Ozbegistan YA-nyň Gundogary öwreniş institutynyň golyazmalar fondunda saklanylyan diwanynda şeýle maglumat berilyar: «Ekser hunarment we hünärpişeler bu astany-pelek elwanda muste`eddi hyzmat we mustefidi-merhemet erdiler. Bu kemine kemden kem

[1] Inw.2163, 179 sax.

nakgaşlyk hunarinden filżümle wakyf erdi. Ol şähriyar enayatlary birle Samarkandy-firdows manend diyarydan geldim»[1]

Şüküri hut Nasrullanyň oz köşgüne gelmek bilen durmuşy gowulanar diyip umyt edipdir. Emma yagday şahyryň isleginiň tersine bolupdyr.Onuň durmuşy öňkiden hem beter ýaramazlaşypdyr. Şüküri köşge gelen ilki dowurlerinde emir Nasrulla ideal şa hokmunde garapdyr. Oňa bagyşlap, enceme odalar, kasydalar duzupdir. Şeýlelikde, Şüküri bilen emiriň arasynda salgym yaly dumanly we şübheli gatnaşyklar başlanypdyr. Şu gatnaşygy Şüküri oňatlyga yorupdyr. Cunki yardan-yarda gecip yoren şahyr emir bilen duşuşyga asla garaşmandyr. Şu pursatda doredilen şygyrlar Şüküriniň tolgunżyndan, şatlygyndan doludyr. Şahyrana gocgun bilen yazylan odalarda uly dabara we żoşgun gorunyar. Şu dabaranyň tiz synżagy, belki şahyr ucin oran şowsuz gutarżagy bu tolguncly yurekde heniz duyalmayar. Şonuň ucin emiriň her bir tabşyrygy şahyr ucin kanundy. Şahyr maddy komege hem garaşýardy. Ol oz gazanc hakynyň kopeldilmegine emirden umydigar bolupdyr. Galyberse-de, şahyrda Fergana- dogduk mekanyna dolanmaga emir komek eder dien umyt dorapdir. Emma şahyryň bu umytlarynyň ahlisi dien yaly puża cykypdyr. Diňe özüniň «adalatyny», «akyl-payhasyny» taryplayan kasydalary gormek isleyan emir Şüküriniň diwanyndan durmuşdan nalayan, ayralyk zerarly gözýaş dokyan ynsanyň zeýrenżini okapdyr. Şonuň ucin hem emir şahyra komek etmekden-a gecen, gaytam oňa żogap bermekden hem saklanypdyr. Şonuň ucin hem şahyr butin omruni gaygy-hasratda, ayralyk dagyny cekmek bilen gecirmeli bolupdyr.

Bu yagday şahyryň butin doredižiligine tasir edipdir. Onuň eserleriniň gussaly aheňde, ekelik, ayralyk, gownucokgunlik mazmunda yazylmagy hem şahyryň durmuş ýagdaýynyň netiżesidir. Bu eserlerde durmuş ayratyn adamynyň, sub`ektiň ruhy durmuşy arkaly aýdyňlaşýar. Xut şu sebabe gora-de, şahyryň butin lirikasy onuň aladalary, tolgunmalary, şatlygy, gussasy, kosencleri bilen gurşalandyr. Elbetde, lirika şu duygulary şeýle formada beyan edip bilenligi bilen guycludir.

[1] Ozbegistan YA-nyň Biruni adyndaky Gündogary öwreniş institutynyň golýazmalar fondy. Inw.5022.

Şüküriniň döredižiligine gecmezden öňürti maglumat hokmunde ene-de bir yagdayy bellap gecmek zerur. Ol hem bolsa Şüküriniň ýaşan asyrynyň orta we ikinži yarymynda Samarkantda we Buharada Abdyşükür-Şüküri atly ikinži bir şahyryň ýaşap gecenligidir. Bu Şüküri hakynda hem kabir çeşmelerde maglumat bar. Ol hakda maglumat beryan çeşmeleriň biri Täžigistan Ylymlar akademiýasynyň Gundogary öwreniş institutynyň fondunda saklanyan «Tezkiretüş-şuara» atly kitap bolup, ony samarkantly edebiyatcy Rahmatylla Muhtaram duzupdir. Ol XIX asyryň ahyrlarynda we XX asyryň başlarynda ýaşap gecen awtordyr. Rahmatylla Muhtaram 1910-nży yylda yorite tabşyryk bilen Samarkant hany Abdylahadyň köşgünde, hanlygynda ýaşap gecen döwürdeş şahyrlarynyň omrune we döredižiligine bagyşlap şu tezkirani duzupdir. Ol tezkiräniň 77-78-nži sahypalarynda hut şu dowurde ýaşap gecen Abdyşükür-Şüküri atly bir şahyr hakda maglumat berilipdir. Maglumata gora bu Şüküri «Yiti zehinli, hoşgylyk», şahyrana adam bolup, ilki gassap, soň bolsa sahapcy bolup işläpdir. Ol pars dilinde goşgy duzupdir we şeýle bir meşhurlyk gazanyp bilmandir.[1]

Abdyşükür-Şüküriniň eserleri iki sany atibarly golyazma arkaly biziň dowrumize gelip etipdir. Olaryň birinžisi Rossiya YA-nyň Gundogary öwreniş institutynyň Leningrad bölüminiň golyazmalar fondunda 1581-nži bukžada saklanyar. Golyazma rus taryhcysy W.A.Iwanowyň kollektsiyasynda erleşýär. Alym bu golyazmany 1919-nży yylda Buhara sebitlerine ylmy komandirowka geleninde garakoli türkmenleriniň birinden alypdyr.

Şüküriniň bu diwan-golyazmasyna institutyň turkmen-mongol kabinetiniň ylmy işgäri merhum Zan Muginowic Muginow ilkinži gezek doly ylmy hasietlendirme beripdir. Ol 1959-nży yylda şu hasietlendirmani we Abdyşükür-Şüküriniň döredižiligi hakdaky gysgaca maglumaty Magtymguly adyndaky Dil we edebiyat institutynyň golyazmalar fonduna iberipdir. Z.M.Muginowyň şu makalasy arkaly Şüküriniň döredižiligi turkmen edebiyatyna malim boldy. Şahyryň şol golýazmasynyň fotokopiyasy bolsa institutyň golyazmalar fonduna getirildi.

---

[1] Şol erde 3 list.

Bu golyazma şahyryň durli żanrda yazan 166 sany goşgusyny oz icine alyp, 138 sahypadan ybarat. Onuň 38 şygry pars dilinde bolup, galanlary turki dildedir.

Golýazmanyň kagyzy Samarkandyň yupek kagyzy bolup, XIX asyryň ikinżi yarymynda yazylypdyr. Golyazma Owezmuhammet Samarkandy tarapyndan gocurilipdir.

Diwanyň ilki sahypasyndan berlen maglumata gora, Şüküriniň şygyrlary Ozbegistanda, Garakol türkmenleriniň arasynda giňden yayrapdyr. Şu golýazmanyň iň soňky eesi Garakölüň Bayat obasyndan Annamuhammet Aşyr ogly bolupdyr. Onuň şu Adama degişlidigine kepil gecyan adamlar hem Beşir, Xożambaz, Xoża salyh, Bayat obalarynda ýaşaýan turkmenlerdir. Bu kepilnamanyň name sebapden golyazma erleşdirilenligi anyk dal. Belki, golýazmanyň eke-takligi, awtoryň turkmenligi muňa sebap bolandyr.

Z.M.Muginow bu diwan-golyazmany Şüküriniň eke-tak golyazmasy hasap edipdir.Emma soňky dowurlerde şahyryň awtograf-diwanynyň bardygy anyklandy.Bu diwan Ozbegistan YA-nyň Biruny adyndaky Gundogary öwreniş inistitutynyň golyazmalar fondunda 5022-nżi bukżada saklanylyar.

Bu golyazma Şüküriniň durmuş yoly barada oran gymmatly maglumat beryan diwandyr. Diwanyň döredilişiniň özboluşly bir taryhy bar. Şüküri Nasrullanyň köşgünde işleýärkä, nagyşçylyk kari bilen birlikde, zehinli şahyr hokmunde hem ozuni tanadypdyr: «Bu kemine akydet şygar, yhlasy asar, nagyşgärlik hyzmatyň arasyda, gah kasydayy-taze we gah gazaly-żedid maşk kylyp, penahy-humayan żenabyga umydy makbullyk birle menzury-nazary mubarek kylar erdim » diyip, şahyr diwanyň sözbaşysynda aydyar. Şüküriniň şahyrcylyk meżlislerinde labyzly gazal okyşyny emiriň ozi hem gorupdir. Şonda ol gazallary diwan şekiline getirmegi tabşyrypdyr: «…bu eşgar kitap bolgay – diyip ol hezretden hitap boldy». Elbetde, ozi hakda yazylan odalary – kasydalary okamagy endik eden emir bu diwany okamaklygy hem ozune artykmac zahmet bilmandir. Şüküri emiriň buyrugyny erine etirmage howlugypdyr.Cunki şahyr maddy goldawa garaşypdyr: «Ol hezretiň fermaýyşyn ba dil ważyp bilip, nebesi-mubarek hasietinden yganat tapyp, diwan

żemgyetige kuşeş kyldym. Xernace kim kasyda we gazal we arza tukiya-parsy bu kemine babatyda bar erdi we bagzy bahyrlarynyň kem –kasini tereddud birle dolduryp, diwan… tuzup, nazary-alyga menzury-lowh mertebesige etgurdim»[1]

Şeýlelikde, şu golyazma- diwan dorapdir. Emire sowgat şeklinde doredilen bu diwanyň hacan duzulendigi hakda sene yazgysy yok. Onda ekeże sene bar. Ol hem 58-nżi sahypada 1253/ 1837-nżi diyilip goyalan senedir. Elbetde, bu senäniň diwanyň doly gutarylan dowri hasap etmek bolmaz. Sebabi, diwanda Şüküriniň emir Nasuryllanyň Kokand hany Muhammetaly bilen hem söweşini gorkezyan (1842) taryhy şygry-da bar.

Diwana 5 listden ( 10 sahypadan ) ybarat sözbaşy yazylyp, şonda şahyr oz durmuşyny giňden beyan edipdir. Şygyrlaryň kopusine bolsa, doly düşündiriş berilipdir. Bularyň hemmesi şahyryň ozi hakda giňden maglumat bermek islandigini gorkezyar. Diwan oran sowatly hem-de düşünikli nestaglyk bilen yazylypdyr.

Golyazma 126 listden ybarat bolup, şahyryň 150-a golay şygyryny ozunde żemleýär. Şygyrlaryň belli senelere, gornukli şahslara bagyşlananlaryna klinopis bilen sözbaşy goylupdur.

Bu derňelen iki golyazma Şüküriniň dörediżilik stili, ugry, ayratynlygy, şahyryna şahsyeti hem-de onuň turkmen edebiýatynyň taryhynda tutyan roly hakda netiże cykarmaga doly esas berip bilyar.

[1] Ozbegistan YA-nyň golýazmalar fondy, inw.5022,4 l.

## I.Bap. Şüküriniň lirikasynda romantiki motiwler.

### 1. Romantizmiň ideya-estetiki esaslary we Şüküriniň lirikasy.

Şüküri Gundogar yazuw poezýasynyň ruhunda, stilinde eser doreden şahyrdyr. Bu żümläniň manysyny düşündirmek ucun «ruh» diyen sözüň asyl manysyny bilmek zerurdyr. Ruh şahsyetiň duýgularynyň aňladylmasydyr. Adamynyň duygusy caksizdir. Gulmek, gaygylanmak, tolgunmak, şatlanmak, hyżuwlanmak… we gayrylar adamynyň uc-gyraksyz ruhy dünýäsiniň sanlyża duygularydyr. Adamynyň ruhy kuwwaty, ruhy eżizligi şu duygular arkaly yuze yaykyar. Diymek, ruh duýgularyň żemidir. Şu duygyny taryhy-ewalutsion ösüşde gorlezmek realistik lirikanyň ayratynlygydyr. Beyle diyildigi lirikada gahrymanyň hasieti, duygusy durmuş, żemgyet bilen aýakdaş gadam basyar, öňe gidyar diyildigidir. Emma romantiki stilde yazylan eserde şu hasiet uytgewsiz, durgun yagdayda formalaşýar.Şu stilde yazan Şüküriniň dörediżiliginde hem ruhy hal şol uytgewsizliginde galyar. Xut şonuň ucin hem biz Şüküri Gundogar poezýasynyň ruhunda, stilinde eser yazypdyr diyip aydyp bileris.

Galyberse-de, her bir esere baha berilende, onuň haysy aheňde, haysy stilde yazylandygyny bilmek ucin ilki bilen onuň ideyasy nazarda tutulyar. Şu nukdaynazardan ugur alynsa, onda Şüküriniň lirikasynda, ylayta-da soygi gazallarynyň ideyasyndaky durgunlygy, uygewsizligi asketik meyli esasy bir ayratynlyk hokmunde gorkezmek mumkin. Bu ideya umuman romantizme, şol sanda Gundogar poeziyasyna hem mahsusdyr.

Şüküriniň lirikasynyň umumy hasieti, ruhy yagdayy şeýledir. Şahyr oz goz`etimini, dünýägaraýşyny şol ruhda beyan edip, koptaraply durmuşyň durli meselelerine seslenipdir. Bu seslenmeler şahyry durmuşy romantikanyň wekili edip goyyar. Biz şu işde Şüküriniň lirikasynyň ayratynlyklaryny -ideya akymyny, cepercilik özboluşlylygyny, estetiki idealyny…XVIII-XIX asyr romantiki lirikamyzyň ceper dörediżilik stili bilen degşirip owrenmegi nazarda tutduk.

Edebiýatyň ösüşinde ideya-mazmunyň uytgap durmagy totanleyin hadysa daldir. Bu diyildigi, ceper dörediżilikdäki ideyalar, taryhy-sotsial ýagdaýlaryň süňňünden syzylyp cykyar diyildigidir. Cunki her döwrüň dowam edyan taryhy durmuşa, żemgyete, umuman tebigata, dünýäniň gurluşyna oz estetiki garaýşy, duýşy bardyr. Elbetde ideyalar bolsa şol estetiki garaýyşlaryň, duýşuň netiżesinde yuze cykan gozellik kategoriyasydyr.

W.G.Belinskiy rus romantiziminiň döreýiş sebaplerini diňe ideyalardan gozlapdir. Ol ideýalaryň żemgyetiň ruhundan syzylyp cykyandygyny aydyp żemgyetiň ruhy garaýyşy uytgemese, ideýalaryň öňkiliginde galyandygyny bellapdir. Adam (poeziýanyň gahrymany) żemgyetiň, sredanyň ayrylmaz bolegi bolandygy ucin, onuň estetiki duýaş we normalaşdyran kadalarynda daşda bolmaly daldir. «Şol sebapli ol zamanyň ogludyr, taryhyň terbielanidir, Onuň duýşy, pikir edişi özüniň degişli bolan żemgyetçiliginiň we milliliginiň, oz watanynyň taryhy durmuşynyň we umumy adamzat nesliniň yagdayyna layyklykda uytgap duryar»[1].

Diymek, döwriň ideya-estetiki normalary ondaky her bir ösüşiň, özgermäniň, şol sanda edebiyatdaki döwülmeleriň baş alamaty bolup duryar. Dogry, beyik tankytcy umuman romantika barada gürrüň edyar. Şeýle-de bolsa, şu żemleme metod hokmundakt romantizm barada hem ulanylmaga mynasypdyr. Rus alymlary şu tezisi has giňeldip, onuň dogrudygyny subut etdiler. Meselem, G. A. Gukowskiy şu żemlemäni «Xer bir ideýanyň oz stili bardyr» diyip, başgarak planda tassyklayar.

Gundogar, şol sanda turkmen edebiyatyndaky romantizm barada gürrüň edilende hem şu badalgadan ugur alynsa nadogry bolmaz. Cunki şu ob`ektiw kanun millet we territoriya tapawudyny goymazdan, umuman edebi protsesse mahsus kanundyr. Xat-da W.G.Belinskiýniň ozi-de Gundogar romantiziminiň yuze çykyş yagdaylary barada azda-kande maglumat beripdir. Diymek, romantizimiň, şol sanda Gundogar romantiziminiň doremeginde hem esasy alamat ideyadadyr. Ideyalar bolsa oz gezeginde dowam edyan żemgyetiň durmuşy estetiki duýşunyň, özleşdirişiniň

[1] W.G.Belinskiy. Polnoe sobranie socineniy.t.1.M.1963. 270 sax.

onumidir. Gundogar edebiyaty durmuşy estetiki özleşdirmekde özboluşly ideya kategoriyalaryny formirlapdir. Bu ideyalar durmuşyň her bir hadysasy babatda durli-durludir, koptaraply we dowamlydyr.

Edebi protsesdaki romantizmiň hem ozune mahsus ideya- estetiki garaýyşlary bardyr. Romantizmiň bu garaýyşlary onuň esasy printsipinden gelip cykyar. Şu printsipi W. W. Wanslow şeýle kesgitleyar: «Real bir zat bilen hakyky bolmaly zat baradaky düşinżeleriň arasynda duypli nasazlyk, durmuşdan çuň narazylyk romantizimiň yuze çykmalarynyň ahlisine mahsus hasietdir» [1]. Gundogar edebiyatynda hem romantiki stiliň, kabul edişiň, özleşdirişiň yuze çykyşy şol printsipiň esasyndadyr, yagny ideal bilen durmuşyň ozara gapma-garşylygyň doremeginden başlanandyr. Elbetde, oz ruhy islegine ters gelyan żemgyetde ýaşaýan her bir soz ussadynyň ceper aňynda isleg-arzuw, ideal żemgyet barada oýlanmalaryň döreżekdigi oz-ozunden düşnüklidir.

Romantizm feodal żemgyet nace galplaşdygyça, onuň nace wagşy hasieti guyclendigice, şonça-da mowc alyar. Sebabi, şahyrlarda, umuman progressiw düşünżeli akyldarlarda galplaşýan żemgyete bolan yigrenc barha güýżeýär. Nahilidir başga hili bir żemgyete, bolan islegler we arzuwlar, dowam edyan żemgyetden gacmak duygulary oyanyar. Edebi protsesiň ösüş taryhyna nace icgin aralaşylsa, şu fakta has aýdyň goz etirmek bolyar.

A.Xaýitmetowyň Gundogar romantiziminiň döreýiş we ösüş ayratynlyklaryny feodalizm żemgyetiniň döreýiş we ösüş ayratynlyklary bilen ayrylmaz baglamagy talaba oran layykdyr. Ol feodalizmiň rowaclanmagy bilen peyda bolan yazuwly edebiýatyň halk dörediżiligindäki realistik tendentsiyalardan uzaklaşyp başlandygny bellapdir. Beyle diyildigi edebi protsesde romantiki stil` rowaclanyp başlapdyr diyildigidir. Bu stil` gonuden-goni durmuş materialyna yuzlenman, hyyalbentlige, utopiya tarap gonugipdir, feodal durmuşyň adamyny horlayan, ezyan bu şertlerini sotsial düşünżelik bilen duyap bilman, arzuw bilen,

---

[1] W.W.Wonslaw. Estetika romantizma.M.1967.22 sax.

yurek duygulary bilen durmuşy düzetżek bolupdyr. Ine, şu yagday bu stiliň wekillerini hyyalbent edip goyyar.

Orta asyr prozasyna (dessan) seredeniňde-de, poeziyasyna seredeninde- de romantizmiň şu printsipini doly gormek bolyar. Nyzamynyň, Sagdynyň, Nowaýynyň, Fuzulynyň, Bayram hanyň, Magtymgulynyň, Şüküriniň, Bahrynyň we enceme beyleki şahyrlaryň eserlerine ser salnanda barha galplaşýan feodal żemgyetiň adam ýaşaýşy ucin oňaýsyz żemgyetdigi yokary cepercilik we şahyranalyk bilen aýdyňlaşýar. Bu şahyrlaryň gahrymanlarynyň hic biri hem şol galp feodal żemgyet bilen oňuşmaýar. Olar biri-birinden hyżuwly bolup, durmuşa oz nagarasyny dowyarler. «Leyli – Meżnun», «Şirin – Perhat», «Yasup – Zuleyha», «Zohre – Tahyr», «Seypelmelek – Methalżemal», yaly onlarca standart sýażetleriň asyrlar boyy kop şahyrlaryň dörediżilik ob`ekti bolup ýörmeleriniň sebabi hem feodal żemgyetiň şu uygewsizligi bilen baglydyr diyip aytmak mumkin. Şu eserleriň gahrymanlarynyň hemmesine mahsus bir ayratynlyk bar. Xemme şahyr bir fakta boyan we wepaly. Olar sýażeti hic wagt yoymayarlar, sýażet şol uygewsizliginde ahli şahyrda gaytalanyar. Gahrymanlaryň ahlisi bir sebap tapyp, oz watanyndan ozge diyara tarap gidyarler. Oz yardunda oňa soyguli yar-da, adyl şa-da tapdyrmayar. Kabiri bolsa oz yaryna etip bilman, dali-porhan bolup gacyp gidyarler. Ine, şu sýażet, ideya romantizmiň esasy talabyna layyk gelyar- gahrymany şu żemgyet bilen oňuşmaýar, ondan gacyar. Yokarky gahrymanlar bolsa hut şu talaby odap bilyan, durmuş bilen razylaşmaýan «oňşuksyz» gahrymanlardyr. Meselem, Meżnun sýażetiniň irki feodal żemgyetinden başlap, ta gicki feodal żemgyeti aralygynda iň bir meşhur sýażete owrulmegi totanleyin edebi hadysa daldir. Ol sýażet şol aralykdaky haysy şahyr tarapyndan işlenilse-de, şol dowur feodal durmuş alamatlaryna layyklykda Meżnuny durmuşdan çetleşdiryar, dali-sahne edip, cole, daga, sahra cykaryar. Andalyp Meżnuny durmuş bilen ylalaşdyrżak bolup, kop synanyşyk edyar. Towella, zyyarat, galtamanlaryň komegi we gayry sebapler bilen ony adaty durmuşa tarap getirżek bolyar. Emma Meżnun ene-de öňki heňine tutyar. Durmuşdan gacmaga meżbur bolyar. Iň soňy bolsa, onuň durmuşy tragiki gutaryar. Meżnunyň durmuşdan gacmasy

we olmesi kanunydyr, cunki romantiki eser romantiki oýlanyşyň, duýşuň onumi bolandygy ucin onuň baş alamaty gussa, gaygycyllyk we tragizm bolmalydyr. Lirikada hem edil şunuň yaly. Durmuş bilen oňuşmaýan gahryman gussada ýaşaýar.

Romantiki lirikada gussa motiwi esasy aýratynlygyň biridir. Durmuşy, şol sanda oz şahsy guzeranyny diňe tragiki fonda bermek oran kop şahyrlara mahsusdyr. Magtymguly barada aýtmanyňda hem şu ayratynlyk XVIII-XIX asyr şygrymyzyň butin ruhuny eelapdir. Şu ayratynlyk şahyrlaryň oz şahsy durmuşy bilen bagly bolan gussalar daldir. Ol gussa żemgyetçilik gussasydyr. Şygryň gahrymany ozuni eke, alżyraňňy duyyar, car tarapyny gam-gussa ortup duran hic cykalgasyz derdi-belalaryň icinde ýaşaýar.Daşky portreti boyanca ol bili bukulen, sacy agaran, dişi dokulen, galmaga-turmaga rowgaty yok. Ruhy tarapdan bolsa gaty eżiz- gozi ýaşly, mydam pikirli we aladaly. Ine, şeýle gahryman diňe bir şygyrda dal, asyl poeziýanyň butin süňňüne ornapdyr. Onuň aladasy tukeniksiz, egsilmez, emma anyk dal. Dogry, biz şu pikiri nygtamak arkaly, Şüküriniň hut oz sub`ektiw durmuşy bilen bagly doran biografik hasietli şygyrlaryny goz öňünde tutmayarys. Bu şygyrlarda arly gahrymanyň ahli duýgularynyň real esaslary we sebapleri bar. Durmuş gurmak, żaý edinmek, oz dogduk mekanyna gocmek, şa bilen duşuşmak yaly arzuwlary puża cykan gahrymanyň zeýrençleriniň ahlisiniň sebabi anyk we aýdyň! Biz abstrakt duygular barada aydyarkak, Şüküriniň gahrymanynyň żemgyet, synpy garşylyklar, umuman durmuşyň sotsial gurluşy baradaky oylanmalaryny goz öňünde tutyarys. Bu yagday diňe Şüküriniň döredižiligine mahsus hadysa dal. Xatda klassyk şahyrlarymyz hem şu meselede umumy ceper pikirlenme bilen ýaşaýardylar.

Şüküri hem romantiki poeziýanyň şu dabine wepaly şahyr hokmunde dowur bilen oňuşmaýan adamyň yuregini acyp gorkezmekde uly bir şahyrana alemi doreden şahyrdyr. Eysem, onuň oz ruhy we daşky portretini çekişini bir mysal bilen synlap göreliň:

Baş- ayagym tamamy hażatdyr,
Her bir hażat-hażatda kuwhi-mahnetdir.

Her biri mahnet icre yuz hary,
Her biri harnyň müň azary.

Her bir azary yuz sutem pişe,
Her sutem yuz tumen elem pişe.

Her elemde tumen-tumen gamdyr,
Her biri gam helakime semmidir.[1]

Şeýle gussacylyk aheňi Şüküriniň diňe şu şygyrda edyan ahy-nalasy bilen caklenmeyar. Ol nala «Şikaýat» poemasynda, «Şüküri», «Etmedi» redifli gazallarynda has çuň we yiti duyalyar. Yokarky setirleri okan her bir okyży bu gussany romantiki gaygycyllykdygyny aňlap biler. Cunki romantiki eserdaki duygy anyk daldir we syrlydyr, caksizdir we tukeniksizdir. Bu getirilen bentlerde Şüküriniň nameden mahnet cekyani, şol mahnetleriň «Azaby, sutemi, gamy» anyk dal, şahyr tukeniksiz nala bilen żibrenip otyr.

Geliň, şygyrdaky gahrymanyň duygusyny yzarlap göreliň! Gahryman şeýle diyyar: Meniň butin durkum mataclige yugrulan, her bir mätäçligiň dagyň gowrumi yaly azaby bar. Xer azapda 100 tiken bar, her tikeniň 1000 azary bar. Xer azaryň 100 alada-sutemi bar. Xer sütemiň 100 tumenlik gussasy bar (elem) bar, her elem hem topar-topar gamdyr, şol gamyň ekeżesi hem meniň olmegime eterlikdir. Ine, ic-icden cykyp gidyan romantiki duygularyň zynżyry şeýledir. Eysem, şu tsifr bilen aňladylan azaplaryň, tikenleriň, azarlaryň esasynda nahili anyk zat- pikir goz öňüne gelyar. Xic hili. Feodal romantizmi, ine şeýle, naanyk duyguly, alżyraňňly, başagaý gahryman doretdi. Bilşimiz yaly realistik lirikada duygular anykdyr we caklidir. Cunki onda şygyr durmuşyň real wakasyna bagyşlanandyr. Şol sebapli duýgynyň detaly, predmeti bularyň arasynda goze gorunmelidir. Şahyr takyk

[1] Inw.2163.7,8 sax.

predmet, waka ya-da hadysa barada şahyrana pikirlenyar, oylanyan wagtynda duýgularyň anyk we real bolżakdygy oz-ozunden düşnüklidir. Şüküride bolsa predmet duýgularyň arasynda yitip gidyar. Onsoň hem Şüküri, umuman, romantizme mahsus bolan wagtlayyn gaygycyllykdan, gussacyllykdan daşary baky gaygycyldyr. Onuň her bir şygyry gussanyň şu bakylygyna şaýat bolup biler. Şüküri oglanka-da, etkinżekkä-de, orta ýaşynda-da, garrylygynda-da gussacyldyr. Diymek Şüküri baky gaygycyl şahsyetdir. Bu fakt Şükürini pissimist edip goymayar. Tersine, bu fakt feodal żemgyetiň azaplarynyň icinde onup-osen şahsyetiň ruhy dunyasini acyp gorkezendigi ucin ahimiete ee bolyar. Şol şahsyetiň ruhy boyanca gussaly, azaply («mahnetli») bolmalydygyny Şüküri doly görnüşde subut edip bilipdir. Cunki gussa, gaygy, nadyllyk yaly duygular dowam edyan żemgyetçilik sreda bilen «oňşuksyzlygyň», ylalaşmazlygyň netiżesidir. Şüküri bolsa, butin omri «oňşuksyzlyk» bilen geciren hem-de göreşi başa barmadyk nadyl adamdyr. Şu nadyllyk bolsa romantizmiň baş printsipine layyk gelyan esasy ruhy alamatdyr.

Şüküriniň lirikasynda gussanyň, nadyllygyň agdyklyk edyandigi ucin ideyada hem gownucokgunligi gowuşgynsyzlygy gormek bolyar. Yzda ene-de ýatlażakdygymyza garamazdan, eri geleni ucin, Şüküriniň şol sanda yazuwly edebiyatdaky romantikanyň urc eden bir ideyasyny derňäp göreliň. Ol ideya ekelik hakdaky oylanmadan ybaratdyr. Bilşimiz yaly, gussaly adam ekelige ymtylyar. Başa düşen haysydyr bir aladanyň derdini olcerip -dokmek ucin asudalygy isleyan şahsyet daldir. Onuň gahryman başgarak hasietli ekeligi isleyar. Onuň gussasy żemgyet durmuş aladasy bilen baglydyr: sredadan asudalyk, erkanalyk, bagt tapmadyk ynsanyň oz gowun isleglerine, yurek arzuwlaryna tarap-ekelige tarap gacmasydyr. Şüküriniň gahrymany agzybir ýaşamażak bolsaň, maşgalany bol-elin eklap bilmeżek bolsaň, şatlyk we erkanalyk bolmażak bolsa onda iň gowusy dunya eke bolup inişiň yaly, eke-de otmek gerek diyyar. Ol gahryman oylenmek-de, gulluga girmek-de, ene-ata yanynda ýaşap olaryň eklenżini iymek-de garaşlydyr diyen düşünżede ýaşaýar. Şol sebapli şeýle garaşlylygy inkar edip, sopbaş bolup ýaşamagy undeyar:

Tagalluk terkin etgenler puşeýmanlykda galgan yok.[1]

Bu garaýyş- ideya, biziň pikirimizce, adalatly, tebigy gussanyň, göwnüçökgünligiň omri daldir. Ol żemgyetleşen gussanyň netiżesidir. Dogry, bu gussanyň adaty gussabilen hem azda-kande dahyly bardyr. Şahyr bagty yat yartdan gozleme, gurbatda ýaşaýarkaň, hic wagt maşgala gurma hor bolarsyň diyen pikirden hem ugur alyar. Şüküri oz şahsy teżribesinde şeýle betbagytlygy başdan gecirensoň, şeýle netiżä gelmegi adaty zat. Yone bu şert esasy faktor daldir. Şahyr oz ýaşaýan żemgyetinde azat durmuşa, bagytly maşgala şert yok, hut şunuň ucin hem eke bolmaly,  eke ýaşamaly dien esasy pikire –ideya agram salyar. Ol maşgalany saklamak ucin pul gerek, pul bolsa iň bir gyt we gazanmasy kyn zatdyr diyyar. Ony gazanmak ucin «egri kad» bolmalydyr. «Egri kadlyk» bilen pul gazanmak bolsa, Şüküriniň ruhuna gabat gelmeyar. Diymek, şahyryň ruhy bilen żemgyet çaknyşýar. Xut şu çaknyşyk esasynda hem Şüküri żemgyetden daşlaşmaga- ekelige meżbur bolyar. Şahyryň «Ýagşy» gazaly şu ideýanyň ozenidir. Ekelik baradaky duygulary bolsa, şol ideýanyň dowamydyr, hat-da ozudir. Eysem, şahyryň liriki gahrymany ekelik barada nahili oylanyar we ony nahili goz öňüne getiryar? Onuň bu duýgularynyň ozeni butinligi bilen gaygy- gussa gaplanan «Şikaýat» poemasynda aşakdaky ruhda başlanýar:

Ger makamy-belent istar sen,
Xezretige pisent istar sen,

Mihir dek hummet öwżüde ferd ol,
Omurler Isa dek müżerret ol.

Kes tagalluk tanapyny ozden,
Xerne baryňny salgay sen gozden.[1]

---
[1] Inw.2163, 122 sax.

Görnüşi yaly, şahyryň gahrymany garaşsyz, hic kişä dahylsyz baky müżerretligi undeyar. Asmandaky Günüň taysyz, emma hummetli bolşy yaly, peydaly, ahmietli ekelik gerekdir.

Gahrymanyň ka yagdaydaky isleyan ekeligi has eżirli we gozgynydyr. Ol bu ideya bilen gyzyklanyp, has zyyanly pikire hem baryp etyar. Ol żemgyetiň azabyndan-garaşlylykdan dynyp bilse, her tusli ekelige hem razy. Meselem, gahryman itiň ekeliginde bäş sany amatly we oňaýly tarapy goryar:1.Ertirliligini gaygy edenok; 2. Eesiniň (hudaýyň) berenine kayyl; 3. Ursa-sokse-de eesine (hudaya) wepaly; 4. Uzyn giże şonuňky, eke ozi nala cekip, zaryn aglamaga pursaty kop; 5. Olaende-de ahmyrly we armanly gidenok, cunki yzynda maly- mulki we perzendi galanok:

Bäş hyslatda it sypat bolgul:
Birisi bul-zahyra kylmady ol.

Eygesinden, ikinżi, neyge eter,
Etgenine kim ol kanagat eter.

Eygesinden, üçünżi, tapsa sutem,
Goymagay ozge bir işikge gadam.

Dördülenżisi, giżeler bidar,
Tangaca hem pygan nalasy bar.

Bäşilenżisi, gitse alemden,
Galmamyşdyr besaty-nam andan.[2]

---

[1] Inw.2163, 122 sax.
[2] Inw.№ 2163, 180-181 sax.

Şüküriniň bu obrazly pikirleniş, aýdyş mysallaryny şahyryň sredadan irmesiniň, ýadamasynyň aýdyň subutnamasy hokmunde gorkezmek mumkin-de bolsa, onuň ikinżi tarapyna-da uns bermek gerek. Zemgyeti maşgala, soyga, eklenże, duzgun-terbie, ahlaga bolan ahli normalary bilen birlikde şeýle kesgitli görnüşde inkar etmek, elbetde, mohum we ahimietli zat. Ol başga normalarda ýaşaýan żemgyeti isleyar. Yone ekelige ymtylmanyň hem oz serhedi bolmalydyr. Ol bu serhetde durman, derwüşi ekelige cagyryar. Galyberse-de, ýaşaýşy hem inkar edyar. Ol:- Durmuşdan yuz owur, gac, ol-yit, emma şu erde durma. Ta ażal gelyanca diňe hudaýyň yşky bilen ýaşa- diyyar:

Ey Şüküri, bu sozni makam tut,
Gaýrynyň mahriden köňülni sowut.

Gayry hak, żümleden żyda bolgul,
Layyky-rahmeti huda bolgul.[1]

Eysem, Şükürini irizen zat feodal żemgyeti ya-da hudaya bolan yhlas? Şu erde meseläniň ikinżi tarapy, yagny reaktsion-panteistik pelsepe agdyklyk edyar. Dogry, Şüküri keypihonlukdan ya-da bikarlikden ekelige, onda-da gozgyny ekelige meyil bildirmeyar. Xuday diyip bir aydanyny gunde gaytalap oturmak yaly yurekgysgync derwüşçilik guzeran Şüküriniň maksady hem dal. Oňa şeýle ekeligi kuyseden sebap gam gussadan, kemsidilmeden durmuş güzeranynyň pesliginden dynmak duygusydyr. Şahyr şolardan gacyar, ulukżyn alyar. Ine, Şüküriniň hudayy ekeligi-derwüşi ekeligi küsemesiniň sebabi. Xer halda bolsa, biz onuň yokarky ideyalaryny aklap bilmeris. Umuman alanda bolsa eke bol, garaşsyz bol, müżerret bol diyyan wagtynda ol yart gezip yoren awara derwüşleriň gununi goz öňünde tutmandyr! Yok onuň garyndaş, dost-yar bilen oz dogduk mekanynda dowran suresi gelyar. «Fergan», «Fergan ceker» şygyrlary muňa şayatdyr. Onuň asla eke bolasy

[1] Inw № 2163, 181 sax.

gelenok. Emma ayralyk, horluk-sutem ony ruhy tarapdan kokerip goyapdyr şol kokenden boşamagyň alażyny tapmadyk şahyr oz derdini ozi bilen derdinişmekden başga cykalga gormeyar. Xut şunuň ucin hem ol ahli aladasy, gussasy bilen birlikde oz yuregine, ruhyna, kalbyna tarap gacyar. Şu bolsa romantiki duýgulanmanyň baş şertleriniň biridir. Şonuň ucin hem yokarky alynan mysaly Şüküriniň sopucylyk ideýasynyň yuze cykmagy dal-de, şahyryň passiw oýlanyşynyň- passiw romantikasynyň mysaly hokmunde düşünmek gerek. Şahyr durmuş bilen göreşmäniň passiw yoluny saylap alypdyr: gol gowşuryp oturyp, ic gepletmani has ahtibarly hasaplanypdyr. Bu passiwlik diňe Şükürä we Şüküriniň gahrymanlaryna mahsus hasiet daldir. Ol ahli orta asyr lirikasyna mahsus ruhdyr. Asla romantizmiň bir topary sussupeslik we mistitsizmdir-diyip, W.G. Belinskiy oran dogry bellapdir. Şol sebapli oz-özüňe gacmak, daga- duze yuz urmak yaly sussupesligi aňladýan kriteriy romantizmiň ozidir. Onuň butin eyyamynda we dowamynda şygyr gahrymany gacybatalga gozlap gecipdir. Xemme gahrymany hyżuwa getiren alada «dunya gamydyr», gussasydyr. Magtymgulynyň «Baglar hey» şygyry gacybatalga gozleyan şeýle gahrymanyň ruhy halyny yuze cykaryan progrmmalayyn şygyrdyr. Şahyryň gahrymanynyň monolog okaýşyna bir seredip göreliň:

Kysmat olmaz, giden uzak yollara,
Nesip goymaz, gider yolum baglar hey.
Xayran, Meżnun bolup cykam collere,
Baryp mesgen tutam sizi daglar hey.[1]

Gahrymanyň uzak yoly ya-da bolmasa dagda eke ýaşamagy kusemesi adaty syyahatyň ya-da gezelenżiň kul-kuli daldir. Muny şahyr şeýle beyan edyar:

Batdy başym cyka bilmen layyndan:[2]

[1] Magtymguly. Saýlanan eserler, t.1 Aşgabat 1985. 139 sax.
[2] Şol erde.

Köňlüm  lerzan boldy dunya gamyndan,
Tutdy synam capraz-capraz daglar hey.[1]

Diymek, romantiki şygyr gahrymanyň esasy hasieti ymtylyşy we arzuwy gacmak, ekeligi ideyasy bilen ayrylmaz baglydyr. Yone agy, yone gözýaş, yone gussa- bularyň hemmesi, yagny gahrymanyň material esasy, gounmeyan ruhy haly bu duygylara romantiki esas, şert beryar. Şahyryň agysy, gözýaşy we gussasy yokarda belleýşimiz yaly, tukeniksizdir, anyk daldir. Xacanda şu duygylar predmetleşse, anyklaşsa we caklense, ana şol wagt  ideya-da anyk bolyar, hasiet-de cugdamlanyar reallaşýar. Baky gussacylyk, dowamly we uygewsiz duygulyk baky oňşyksyzlygyň- romantizmiň yuze cykaran ideya normalarydyr. Şu «oňşyksyzlygyň» netiżesinde Şüküri kate gazaba munyar, kate söweşip yor, kate gayduwsyz paş ediżi, kate bolsa, köşäp-synyp eżiz, nalażedeýin bir «ysnada» owrulyar. Şol wagt ol ahli göreşinden yuz owurip, öňki hereketlerine-de puşman edip otyr. Bu barada toba ideyasy hakda gürrüň edenimizde giňden durup geceris.

Şu erde esasy bir meselani aýdyňlaşdyrmak zerurdyr. Şüküri, şol sanda umuman romantikler, her bir żoşmasynda-da, synmasynda-da, mahlasy ahli hereketinde, ideya babatda hyyalbentdirler, utopistdirler. Žemgyetiň syryny real durmuşdan gozlemage akyl etirmedik her bir akyldar hyyalbentdir. Ahlak, sotsial, durmuş, soygi, watan, adam… hakda oylanyan şol romantik şahyr her bir pursatda oz idealyndan ugur alyar. Cunki ol «durmuşy żanlandyrman, uytgedip guryan» şahyrdyr.

Şüküriniň idealynyň utopiki hasietdedigini kop mysallar bilen subut etmek mumkin. Şahyryň  garrylyk pursatlarynda ya-da bolmasa, ruhy tarapdan  eżizlän wagytlarynda yazan kabir şygyrlary bu pikiri has hem aýdyňlaşdyrýar. Şüküri utopik gumanist hokmunde żemgyeti düzetżek,  «sayhallażak» bolmasynyň erliksizdigini, asla mumkin daldigini azda-kande düşünipdir. Şahyr ilden, żemgyetden, durmuşdan üzňe alada, owut-undew bilen durmuşy özgertmegiň mumkin daldigini, munuň diňe şowsuz synanyşykdygyny bilipdir. Xas takygy bu hereketiniň «ryya bolandygyna»

[1] Şol erde.

gynanypdyr, gaharlanypdyr. Dogry, şahyryň şeýle akyl etirmesi onuň şahsy teżribesiniň onumidir. Şol sebapli, onuň bu düşünżesi şahyryň durmuşy «sayhallażak» bolmakda başga yollary agtarandygyny aňlatmaýar. Şahyr serhetden gecip, başga yol agtarmak dereżesine etip bilmandir, Şüküriden muňa garaşmak mumkin dal. Yone şahyr yuregindaki arman, gynanc, okunc weli, diýseň yokary dereżä etipdir. Onuň ilkinżi «arzy» żemgyetdendir. Şahyr żemgyetiň ony, sygrynyp bilman, ahli arzuw-hyyallary, islegleri bilen birlikde bir gyra- «hata edýänleriň deştine» tarap zyňyp goyberenliginden nalayar.

Ol özüniň taşlandy zibil yaly edilmegindaki esasy sebabi durmuş bilen ylalaşmanlygynda, aýakdaş yormanliginde goryar. Zemgyetde ýaşaýan halkyň agramly böleginiň eżiri, gussasy barada alada edinmedik yagdayymda men hem şol erde ýaşardym ahyry diyip żibrinýär:

Istedim gerce żahan binyadyga abatlyg,
Ah, neyley boldy ukba-menzili weyran, daryg.[1]

Şu getirilen bent hem ideýasynyň we ruhunyň gumanizme yorulandygyna garamazdan, şahyryň tuys utopisliginiň, hyýalbentliginiň şaýadydyr. Yogsam bolmasa, şu ideya kop şahyryň etip bilmeyan, aydyp bilmeyan, has beteri-de ceper şygra salyp bilmeyan ideyasydyr. Cunki şeýle ideya etmek ucin şahyrana ussatlykdan daşary, ussadyň döwrüň ruhuna şeýle icgin, batyrgay we erkin aralaşmagy, durmuş aladalarynyň icinde bişişmegi zerurdyr. Durmuşa yuzley ya-da biperway garayan şygyr wekilinde döwrüň şunuň yaly beyik we belent idealynyň apet minara yaly saýyrdyňlap gorunmegi mumkin daldir. Şüküri durmuşyň şeýle belent ideyasyny şahyrana nygtamak dereżesine eten soz ussatlarynyň biridir. Şahyrda feodal-emircilik döwrüniň iň iriňli we yzaly ideyasy orboyana galyar. Şahyryň gahrymany döwrüň yuze cykaran, inee, şeýle ideýalarynyň icinde gulaclap yuzyar. Ol ideallar liriki gahrymanyň her bir hereketinden, hasietinden gelip cykyar. Eysem, mysal alynan

[1] Inw №2163, 117 sax.

beyitdaki, kursiwde berlen ideya bu pikiri tassyklayarmy? Liriki gahrymanyň dilinden şeýle ideýanyň cykmagy ucin, elbetde, oňa durmuşdaky yagdayy duymak, şahyrana «gormek», başdan gecirmek esasy şertdir. Xer halda Şüküriniň şu «görüşi we duýaşy» romantiki yagdaydadyr. Biz bu pikiri şahyryň umumy liriki mirasyna mahsus romantiki «duýşy» nygtamak ucin gaytalayarys. Şüküri «abatlyk»-azatlyk ideyasyny gahrymanyň islegi bilen berendigi ucin romantikdir, hyyalbentdir. Şahyr isleg, arzuw bilen durmuşy «beżerżek we sayhallażak», «düzetżek» we gözelleşdirżek bolyan wagtynda romantikdir, hyyalbentdir. Xut şu sebabe gora-de, Şüküride şol sanda romantiki lirikada her bir durmuş meselesi babatda istemek, köňül arzuw, garaşmak emotsiyasy baş kategoriya bolup, esasy planda duryar. Magtymgulynyň «Istarin», «Daglar bile», Gaýybynyň «Köňül», Mollanepesiň «Arzuw eylar» we gayry şygyrlaryny yatlamak eterlikdir.

Şüküriniň yokarda mysal alnan şygryna esaslanyp, esasy bir zady nygtamak gerek. Şahyryň liriki gahrymanynyň duygularyna, ruhy halyna siňe seredilse, onda öňki yazuw şygyryndaky gahrymana garanda nahilidir bir hili gala-gopluk, alżyraňňylyk, etişmesizlik hasieti agdyklyk edyar. Gahryman gaygycyllkdan, gam-gusadan daşary döwrüň ahli derdeserine żan agyryly, aladaly seslenyar. Nahili edeniňde, nadip bir erkana durmuşa cykyp bolarka- diyip yuregine hanżar urlan yaraly adam yaly, car tarapa urunyar. Butin gussaly halky, żuda bolmasa, ozuni bir asudalyga cykaryp bolmazmyka?-dien pikir ony żoşguna getiryar. Ine, şu alada şahyryň düşünżeli, kamillik dereżesine eten döwrüniň urunmalarydyr. Yokardaky mysal alnan bendiň tutuş şygryny mysal alyarys. Ol «Daryg» (Okunc, gynanc) atlandyrylyar:

Rehnemalar etegin tutmay men-i nadan, daryg,
Cun kuyan boldum hata deştide sergerdan, daryg.

Gozlerimden derdi-usyan şitdetiden gan akar,
Bir hekimi tapmadym, ta eylese derman, daryg.

Eyledim nagdy-hemayatym żümlesin sarfy-ebes,
Hasylym, rahy-hatada żürm ile usyan, daryg.

Esredi hallaky-bicun bizni yokdan bar eden,
Kylmadym gullyk aňa, yuz hasraty arman daryg.

Yoldan azdym, yanmadym rahy-hatadan, ah kim,
Birgine yslamyma etgurdi yuz nogsan, daryg.

Way, men gumra, sowap ahlin tarykyn tutmadym,
Imdi sud etgeymi yuz müň hasraty-arman, daryg.

Istedim gerce żahan binyadyga abatlyg,
Ah, neyley, boldy ukba menzili weyran daryg.

Nebsi-şeýtan yoluga girdim kemaly-żählden,
Bilmedim anlarny erken apaty-iman daryg.

Ey, Şüküri, üşbu gun żürmi-gunaden ýanmasaň,
Taňla nefg etmes saňa ger eýleseň cendan, daryg.[1]

Görnüşi yaly, şahyryň gahrymany adaty adamyň duygulary bilen ýaşamaýar. Onuň yuregini bir dal, onlarca dert biynżalyk edyar. Şygryň «Okunc» atlandyrylmasy munyň şaýadydyr. Gahrymanyň azatlyk, asudalyk babatda żemgyeti dal-de, ozuni gunakar etmegi hem romantiki şygryň hasietine layykdyr. Eysem, görüň, şahyr name diyyar: asudalyga tarap eltýänleriň etegini tutmanym ucin (1beyt), dertli yurege melhem edyan edyan hakimi gozlemanim ucin (2beyt), gużur-gayratymy bihal ere

[1] Inw №2163, 117 sax.

sarp edenim ucin (3beyt), ile goze gornup duran ýaşlygym bolmany ucin (6beyt), mulk-baylyk tapman, hakyky arzuwy unydanym ucin (8beyt)… erkanalyga cykyp bilmedim. Eysem, şu gunaler hakykatmydyr? Yok, bular gahrymanyň ruhy oylanmalarydyr. Şol ruhy oylanmalar, tapyp bilmedik-de bolsa, yol agtarmanyň gozlegiň netiżesidir. Azatlyga ymtylyan gahrymanyň gyżynmasynyň, okgunlylygynyň alamatydyr. Şu caka cenli ceken zahmetiň ahlisiniň bahasy eke aşyk, gara şaý diyip, ozuni gunaleyan şahyryň bu ruhy yagdayy, okuncleri onuň traditsion gahrymanyndan tapawudyny gorkezyan esasy alamatlaryň biridir. Dogrudan hem Şüküriniň gahrymany galagopdyr we galżaňdyr,aşa aladalydyr we kosenclidir. Biziň pikirimizce, gahrymandaky bu hasiet hem ene-de żemgyetdäki yuze cykyan şol özgermäniň netiżesidir. Şu alżyraňňylykda ýaşaýan gahrymanyň ahyr netiżesi nahili? Onuň okuncleri-cykalgasy nama syrygyar? Şahyr dunya azaplaryny, gaygy-gussasyny taşlap, diňe hudaya gulluk etmeli, gumra bolup, özüňi çetleşdirmeli, ine şunda weli, azatlyk bar, żuda bolmanda, ol dunyade ruhyň-a azat ýaşar-da" dien netiże saklanyar. Bu, elbetde, kanuny netiżedir. Cunki materialistik aň-düşünżäniň formirlenip etişmedik bir dowrunde, żemgyetiň ideya-estetiki we filosofik aňynyň utopiya-hyyalbentlik dereżede ýaşaýan dowrunde poetik aňyň ündeżek eke-tak cykalgasydyr.

Şygyr dogrudan hem dini ruha yagrulandyr, onuň ideyasy hem reaktsion hasietde gorunyar. Şahyryň gahrymanynyň tobsy-da diňe dine gullyk etmanligi bilen baglydyr. Biz bu garaýyş bilen doly ylalaşýarys. Yone ondaky başga ideyany, duygyny gormezlik hatadyr. Ahli yhlasy başa barmadyk nadan ynsanyň, başga cykalga tapman dine dolanyp gelmesi, nahilidir bir hili birahatlyk, şygryň butin ruhuny eeleyar.

Şüküriniň poetik aňy koplenc dini ruhda formalaşýar. Yone şahyryň temasy din bolsa-da, onda uly durmuşy ruh, progressiw ideya ýaşyrylyp yatyr. Eger şahyr dogrudan hem «hata yoluna giren» bolsa, «yoldan azan» bolsa, ahli etmişi «żürmi-usyan» bolsa, onda ol hakyky manysyndaky azgyndyr. Yok, Şüküri dinden daşgynrak, başgarak yol bilen «abatlygy, asudalygy» gozleyar. Diniň yolundan

«azaşmak bilen» liriki gahryman nahilidir bir hili rahatlyga ymtylyar. Şol yoly tapmanlygy ucin şahyr toba edyar, ic dokyar. Ondaky şu birahatlyk we okunc dini temanyň orki bilen aýdyňlaşýar. Xut şonuň ucin hem yokarky şygyr reaktsion dal-de progressiwdir. Başga yoly tapmadyk Şüküriniň dine tarap topulyşy, ekelige we «gumralyga» tarap okgunlygy kanunydyr we gaytalap aydyarys, romantikleriň eke-tak cykalgasydyr. Ahyrky beyde siňe seredilse, şahyryň alacsyz we mežbury ahy-nalasy has aýdyň gorunyar. Ol setirlerdaki «bu dunyade hata iş edip abyray gazanmadyň, indii ahli günäňi boyan alyp, oz gerdeniň bilen çekmeseň, ol dunyade hem saňa azatlyk yokdur, tobanyň peydasy bolmaz» dien netiže cykyar. Zuda bolmanda, oz ruhynyň azat «ýaşamagyny» bir gazanmak Şüküri ucin uly bir bagtdyr. Durmuşdaky azatlygyň syryny tapyp bilmedik şahyr yhlas bilen dine urc edyar. Azatlygy durmuşdan agtarandygy ucin bolsa, ozuni gunakarleyar. Şeýlelikde, şahyryň gahrymany bu göreşden ežizleýär, yadayar, aryar. Xut şonuň ucin hem onda dinden cykalga gozlemek pikiri oyanyar.

Şüküriniň lirikasynda toba ideyasy oran kop şygryň süňňüne siňipdir. Elbetde, toba we özüňi gunalemek ideyalary Şüküri ucin totanlik daldir. Feodal despotizminiň adama garaýşynyň wagşylaşan dowrunde ýaşan Şüküriniň şu ideya syrylyp düşmegi gutulgysyzdyr. Erkin pikire asla yol goymadyk žemgyet şahsyeti barha bogupdyr, ony alla-hudaya daňyp goyapdyr. Oz umydynyň, gelžeginiň diňe hudaydandygyny «ynandyran» žemgyet şahsyete-adama ozuni syzmaga, duymaga er goymandyr. Diymek, şahyryň poetik aňy şol dini despotizmiň ideologiyasyndan-panteizmden daşgyn formalaşyp bilžek daldi. Panteizmde bolsa, toba ideyasy has reaktsion we zyyanly görnüşinde formirlenipdir. Dogry, Şüküri toba duygusynda ýaşaýarka, şol ideyany guraksy bolşunda şygra gecirmandir. Asla onuň bilen tş salyşžagam blup duranok. Şüküriniň tobasy oz durmuş težribesine layyklykda, žemgyete garaýşyna, ony duýşuna layyklykda formalaşan tobadyr. Oz idealy, yurek arzuwlary amala aşmadyk, islegine gora ýaşaýşy gormedik şahyr garrylygyň-«ölümiň öňisyrasy» howpa düşýär, alžyraýar. Şahyryň tobasy garrylyk döwrüniň onumidir. «Öň gorkezilen, yazylan yoldan» başga yoly tapmadyk Şüküri toba edip,

«diniň yoluna, hak yoluna» tarap dolanyar.Ine şu hakykaty islesek, islemesek-de ykrar etmelidiris. Romantiki lirika mahsus şu alamaty bassyr-yassur etmek şol usuldaky poeziýanyň iň bir hasietli aýratynlygynyň gizlendigidir. Şüküride, şol sanda umumy yazuwly edebiyatda bar bolan bu ideya-estetiki garaýyş, duýaş, kabul ediş romantizmiň gutulgysyz undemeli ideyasydyr. Şol ideya Nowayyda-da, Magtymgulyda-da, Allahyda-da, Şüküride-de bar ideyadyr. Oz umytlary yarpy yolda uzulen, ahli arzuwy puża cykan şahsyet, elbetde, toba etmage meżbur bolyar. Yzygiderli şowsuzlyga ucrap duran Şüküri, dertleriň, gussalaryň öňi-ardy gorunmeyan belasyndan bez-bez bolan Şüküri, elbetde, toba edip «amana geler». Yardundan ayra düşmek, iş tapmazlyk, żaýdan kosenc, maşgaladaky şowsuzlyk, ine şahyry toba getiren sebapler. Şu aladalaryň asla soňy gorunmeyar, cykalgasy yok. Şolar bilen şahyr butin omruni söweşip geciripdir. Indii bolsa, olum ýakynlaşýar, gurp gacyar, şu bolşy bolżak bolsa, gelżekki ömrüniň hem nahili gutarżakdygy aýdyň gornup dur. Şu yagdayda şahyr hopurganyar, ozuni yitiryar hem-de toba edyar. «Toba», «Daryg», «Bihasap» gazallary muňa mysal bolup biler. Bu şygyrlardaky gahryman oz geçmişinden, ahli ceken renclerinden we idealyndan yuz owuryar. Xatda şygyr sungatyna yuz urup, «bihuda şygyr duzup» hudayy unudanlygyna arman cekyar:

Ey, bar huda, bihuda eşgaryma toba,
Omur otdi ebeslik bile, kirdaryma toba.

Kazyz yuzuni kyldy gara bihuda sozler,
Yuzumni gara eyleme, guftaryma toba.

Usyan yoludan yandy, Şüküri ya reb,
Sen eyle kabul, zişti-etwaryma toba.[1]

[1] Inw №2163, 149 sax.

Şu setirleriň ideyasyna Şüküriniň umumy dörediżilik ruhundan üzňe garalsa, onda şahyry yazgarmakdan başga alac yok. Xakykatda bolsa, şeýle ideya romantiki sungatyň asyrlap dowam eden estetiki kategoriyasydyr. Şol estetiki garaýyş hut feodal durmuşyň süňňünden domup cykan ideyadyr. Bu bolsa omruni payawladan romantik şahyryň gecen durmuşa ahmyrly, gelżege naýynżar garap, gecmiş bilen olum aralykdaky az mohlet urunmasynyň netiżesidir. Xut şu hili pursatda her bir romantik şahyr passiwdir we dunyaden doygundyr:

Endişeýi-olerni köňülge getirmedim,
Omur otdi, kop ebes bile, arman bihasap.[1]

Az-kem yokarda Şüküriniň lirikasyna mahsus bir ayratynlygy nygtapdyk. Ol ayratynlyk Şüküriniň gahrymanynyň hasieti bilen baglanyşyklydyr. Dogrudan hem şahyryň gahrymany galżaň we howsalalydyr. Parahat durmuşda ýaşamagy, erkanalygy kuyseyan bu gahryman gaty ynżalyksyzdyr. Elbetde, şu hasiet bolculykda ya-da bolmasa hemme suteme kayyl biperway adamyň süňňünden onup bilmez. Şüküriniň gahrymany ahli zada-durmuşyň gurluşyna, dowam edyan sredanyň «bolşuna» kayyl dal. Bu ganygyzgyn gahryman ony «duzedesi» gelyar. Şol gahrymanyň hyżuwy, okgunlylygy «Xarys» şygrynda, «Mynażat» poemasynda has-da aýdyň yuze cykyar.

«Xarys» şygryny durli aspektde derňemek mumkin. Yune bu erde esasy zat şahyryň poetik aňyna hyżuw dien düşünżäniň, ideýanyň gelip düşmesidir. Şahyr haryslygy (teşnelik, okgunlylyk, hyżuwlylyk) diňe bir manyda, yagny hyżuw dien manysynda işleýär. Yogsam, bu sözüň harsydünýäniň, acgozluk, olup-ocmeklik yaly manylary hem yok dal. Şahyr żemgyeti duzetmegi şahsyetiň ustune yuklanligi ucin, ondan aşa zahmeti, hyżuwy talap edyar. Şahyryň pikirice ahli zat hyżuwly, okgunly we teşnelik bilen erine etirilmelidir. Cunki hyżuwyň bolmadyk erinde rehnet yokdur. Maksada gowuşmak bolsa, hyżuwyň beryan miwesidir. Zyndana düşen adamynyň

[1] Şol erde 60 sax.

azatlyga topulyşy, urnuşy yaly hyżuwlylyk hem her bir işe baş goşanyndaky mohum şertdir:

Zary köňli yzlamyş hiżranydan azatlyk,
Gaytdan azat olarga merdumi-zyndan harys.[1]

Şahsyň hyżuwyny, zahmetini,hasietini şeýle suratda esasy şert edip goyan Şüküriniň bu duygusy totanleyin yuze cykmandyr. Şahyr oňat ahlak, gumanizm bilen durmuşy, dowri gowulandyrmak bolar diendigi ucin şeýle hyżuwlylygy öňe surupdir. Eger Leýliniň yşgynda dali-diwana bolup, Meżnun dag-duzde sergezdan bolup yoren bolsa, asla ayyp zat daldir, soygudaki maksadyňa etmek ucin eke-tak yol şondan ybaratdyr.Oz żanyny ahli zatdan ey goryan harsydunya ucin şeýle soygi yat düşünżedir.

Şahyryň hyżuwlylyk hakdaky duygulary soygi materialynyň usti bilen undelyan-de bolsa, şygyrdan Şüküriniň bikarligi, biganeligi islemandigi ac-acan gornup dur. Şahyryň gahrymany birahat we galżaň şahs bolup, ahli döwirdeşinden şeýle galżaňlygy, howsalany, uznuksiz we yzygiderli zahmet talap edyar. Şalaryň yart ustunde (soltan harys) , rindiň we sakynyň arak-şeraba (rindan harys, sakyyy-dowran harys) , bilbiliň cemene (bilbili-nalan harys) acgoz topulyşy yaly, yşkda-da hyżuw, zahmet bolmalydyr, Ine, şahyryň hyżuwa düşünişi we ony düşündirişi şeýle. Şahyr şeýle birahatlygy, hyżuwy we ynżalyksyzlygy dowrin talaby, borży diyip düşündirýär. Gahryman ozunde it kibi biaramlygyň bolmasyna yurekden şatlanýar.

Ne ażap, ger it kibi yok ise aramym meni.[2]

---

[1] Inw №2163, 68 sax.
[2] Inw№ 2163, 151 sax.

Elbetde, bu ideya zahmete, haryda, adama bolan garaýşyň Şüküriniň ýaşan ahyrky dowurlerinde uytgap başlandygynyň alamatydyr, onumcilikde we żemgyetde kapitalistik gatnaşyklaryň azda-kande bildirip ugrandygynyň alamatydyr. Yogsam, zahmete we hyżuwa bolan traditsion garaýşyň başgaça häsietiniň bardygyny biz bilyaris.

Adam ucin bir hünäriň («Xunari bolmasa»- Magtymguly) hem-de gaýratyň we hyżuwuň zerurlygy baradaky talaplar klassyki edebiýatymyzyň butin süňňüni gurşap alypdyr. Yone zahmet temasynyň hyżuwlylyk ruhunyň, şol sanda pula (direm, teňňe, altyn-kümüş) bolan okgunlylygyň baş tema bolup şygra, umuman ceper esere aralaşan eri yokdyr. Xatda zahmeti pes gatlaga mahsus bir gümenże diyip aydan atly gundogar filosoflaryna hem duş gelyaris. Meselem, Faraby zahmeti hakyky adama dal-de, aşaky gatlaga mahsus hapa we bigane alada hokmunde inkar edipdir.2 Pul, baylyk, altyn-kümüş, mal-mulk yaly düşünżeler nahilidir bir hili hyyaly ideýalaryň gurbany edilipdir. Şygyrdaky gahrymanlar mal-mulke, soyga, pula dal-de, adalata isleg bildiryarler.

Orta asyr poeziýamyzyň gahrymanlarynyň kabirinde asudalygy. rehnedi zahmet cekmezden başgarak bir usul bilen gazanżak bolandyklaryny edebi protsesiň taryhy gorkezyar. Utopik yartlaryň bolculygy, wakasy poema, dessan żanrlarynyň sýażetlerine berk ornaşypdyr. Olarda asla zahmet dien zat gorunenok. Fol`klor dabini oz şygryna siňdiren Magtymgulyda bu problema azda-kande żanlanýar. Emma zahmeti döwrüň, eýýamyň mohum taryhy hadysasy hokmunde ileri hodurlemek ideyasy bu şahyrda hem entek yokdur. Magtymgulyda umuman zahmetsöýüżilik hasieti bar. Emma zahmeti żemgyetiň sotsial talaby edip goyyan dowur bu wagtda yokdy. Orta asyrda asyl-ha hem yokdy. Eysem, bir fakta seredip görüň: Nyzamynyň, Nowaýynyň kabir eserlerinde pulsyz, baylyksyz, dowletsiz we şasyz, hemme kişä deň-derman żemgyet ideyasy öňe surulyar.3 Ine, saňa, asuda żemgyet: zahmetem gorunenok, hyżuw-da. Bularyň hemmesi feodal żemgyetiň ozune garşy doreden hyyaly-utopistik romantikasydyr. Emma Şüküriniň lirikasynda şol zahmeti, baylygy inkar edyan traditsion romantika şu meselede ocyar, Şüküri ucin zahmetsiz,

hyżuwsyz żemgyet gerek dal. Şüküri zahmeti, hyżuwy inkar etman, tersine ony şygryň baş temasy edip goyyar. Bu bolsa zahmete bolan taze garaýşyň formalaşyp başlandygynyň alamatydyr. Diymek, taze ideýanyň yuze çykżakdygy hem kanunydyr. Ine, hut şu erden hem Şüküriniň liriki gahrymany hyżuwly we galżaň gorunyar. Onuň durmuşa düşünişi, garaýyşy aşakdaky idealdan ugur alyar: «Bihuda ömrüňi gecirme demi».

Zahmet ideyasy barada bir fakt anyklansa, Şüküriniň zahmete bolan hyżuwy, gahrymandaky galżaňlyk has-da aýdyňlaşar.

Ewropa yartlarynda oýanyş zamanynyň doremesi kapitalistik gatnaşyklaryň doremesi we güżemesi bilen baglanyşyklydyr. Kapitalizm durmuşa, żemgyete, adama bolan taze garaýşy formirlan żemgyet  bolup, onumcilikde we aňda uly öwrülişik doredipdir. Şuňa layklykda feodalistik garaýyşlar kem-kemden oz güżini we erkini taze gurluşa bagş edipdir. Taze gurluş żemgyeti żanlandyrypdyr, onumciligi guyclendiripdir. Onumcilikden gelyan goşmaça gymmat we maya goýamlarynyň artmagy pulyň we harydyň hümmediniň guyclenmegine getiripdir. Zemgyetde zahmet cekmek, aşa hyżuwlylyk we okgunlylyk sotsial talaba owrulipdir. Oýanyş döwrüniň filosofik we ceper aňynda zahmet we pul düşünżesiniň esasy orny eelemegini kapitalistik formattsiýanyň şu esasy ayratynlygy bilen düşündirmek bolar. Şu nukdaynazardan ugur alynsa, onda T.Morr, Kampanella yaly filosoflaryň we ýazyżylaryň mirasynda zahmete uly uns berilmegi totanleyin hadysa bolmadygydyr.

Eysem XIX asyryň ortalarynda dorap ugran kapitalistik önümçilikgatnaşyklary Şüküriniň aňyna tasir etman bilermi? Elbetde yok. Şüküriniň gahrymanyndaky yokarda aydylan, bellenilen galżaňlyk we hyżuwlylyk, zahmete, pula we altyn-kümüşe bolan howes, biziň pikirimizce, hut şu sotsial hadysanyň, öwrülşigiň onumidir. Yogsa-da, Şüküride zahmet pul, altyn-kümüş baradaky garaýyşlar neneňsi?

Şüküriniň gahrymany rahatlygy, azatlygy we bolculygy haysydyr bir gudratdan, totanlikden ya-da bolmasa allanyň nazaryndan gozlemeyar. Ol rahatlygyň eżir, sutem, uruş bilen kişiniň hasabyna gazanylmagynyň hem tarapynda dal.

Şahsyetiň rahat durmuşy oz erkiň, güýżiň, gaýratyň we zämetiň bilen gazanylan pursatynda azatlyk hakyky manysyna ee bolyar diyyan wagtynda Şüküri uly gumanist we pahimdardyr.

Ile deňleşmek, hor bolmazlyk, kemsidilmezlik yaly yagdaylar şahsyetiň ozune baglydyr, bularyň hemmesiniň sakasy Şüküriniň tassyklaýşy boyanca zahmet bilen baglanyşyklydyr. Bu temada Şüküri öňki, adaty ynanclaryndan daşlaşypdyr.

Bilşimiz yaly, şahyryň şahsyetiniň «ryzky, nesibesi» huday tarapyndan kesgitlenendir diyyan wagty oran kopdur. Bu erde bolsa ol şol ryzky alladan dal-de, zahmetden gozleyar:

Xer kimsani hak azyz kylmyş,
Dunya any tagzymyga gelmiş.
Siz, biz bu katardan imesmiz,
Mahnetsiz ozi eter diymesmiz.[1]

Şüküriniň gahrymany şahsyetiň abrayyny, il arasyndaky hormtyny diňe zahmet bilen olceyar. Şu babatda şahyr owutci, nesihatcy adamdyr. Onuň maksady gazanc ucin zahmet cekmek daldir. Yok, ol abadancylyk, asudalyk,dokluk ucin zahmeti ess edip alyar("Istedim gerce żahan binyadygy abatlygy"). Şonuň ucin hem gahryman döwürdeşine çagyryş bilen yuzlenyar:

Saňa meniň bir nesihatym bar,
Sydkyň bile any uşla, zynhar.
Yzzat tileseň żahan iliden,
Xyzmat tileseň ulus goludan,
Gayrat bile tur, biliňni bayla,
Rahat talabyda mahnet eyle.
Mahnet bile hasyl direm kyl,

[1] Inw №2163, 28 sax.

Özüňni halasy gaydy- gam kyl.[1]

Şüküriniň poetik dunyasine altyn-zer, pul, direm bilen bagly duýgularyň aralaşmasy-da, elbetde, zahmete bolan talabyň guyclenmesindaki taryhy hadysalar, yagny kapitalistik gurluşyň döreýşi bilen baglydyr. Şüküri altyn-zer gazanmak, pul (direm) edinmek ya-da bayamak yaly ideyany orta atmayar. Şahyr zeri, puly paş edyar, yazgaryar. Onuň şeýle pozittsiyada çykyş etmegi, elbetde, taze durmyş bilen bagly tazecil ideyadyr. Dogry, pul, zer bilen baglanyşykly ideyalar irki orta asyr we gicki orta asyr edebiyatymyzda-da bardyr. Xat-da edebiýatymyzyň klassyky dowrunde-de şu ýazgaryży aheň dowam etdirilipdir. Yone Şüküriniň dowrunde bu zada bolan ýigrenżiň aşa yuze cykmasy hic hili totanlik bilen bagly daldir. Bu yigrenc döwrüň sotsial yuzudir, sotsial keseli bilen bagly aży hakykatdyr.

"Direm" şygryndaky gahrymanyň birże teňňe ucin elewremesi, zaryn-zaryn eňremesi, biziň pikirimizce, şol zamanyň girdabyna düşen alżyraňňy, kelep użyny yitiren tipiň urunmasydyr. Sepgit dowrundaki adamynyň nira giderini bilman ozuni yitirmesidir, howpyrgamasydyr. «Nesihat» poemasyndaky zer baradaky oylanmalar bolsa, şu duýgylaryň dowamydyr.

Umuman romantizmiň, şol sanda Gundogar we turkmen romantiziminiň baş ideya-estetiki idealy uruş, söweş, batyrlyk we merdanalyk temasy bilen baglydyr. Romantizm asudalygyň, erkanalygyň aydymcysy bolanlygy ucin elmydam urşy inkar edipdir. Romantik şahyr urşuň ganymydyr. Ol asudalyk we erkanalyk zamanynyň aşygydyr. Şüküri hem edil şeýle romantikdir.

[1] Şol erde.

## 2.Romantiki lirikada sotsial mesele we ceper oýlanyş.

Romantiki sungatda şahyryň żemgyete we durmuşa gatnaşygy we açyş stili onuň umumy taglymatyndan gelip cykyar. Şu fakta goz etirmek ucin real we romantiki sungatyň ayratynlygy, özboluşlylygy hakda soz acmazdan öňürti umuman soz sungatynyň tebigatyna, lirikanyň ayratynlyklaryna gysgaca goz aylamak zerurdyr. Şeýle edilende, lirikanyň taryhyndaky «dowulmeler-de», etaplar-da oz-ozunden ayyl-sayyl bolar, cunki olaryň tebigaty, alamatlary şol döwrüň sungat nusgalarynda makam ýaşyrylgydyr. Diymek, soz sungatynyň tebigatyna düşünmek arkaly onuň żemgyetçilik mazmunyna, stiline-poetiki serişdelerine we ideyasyna hem goz etirmek bolar. Eysem onda liriki poeziýanyň alamatlaryny haysy esasy kriteriler bilen kesgitlemek bolar?

Liriki poeziya sub`ektiň icki dünýäsiniň- duýgusynyň, isleginiň, hyżuwynyň onumidir. Onuň ob`ekti, mazmuny real predmetiň, «real wakanyň ösüş kanunlary bolman» (W.G.Belinskiy), eysem, sub`ektdir onuň real predmet arkaly doran duygularydyr.

Liriki eseriň gymmaty, onuň diňe duýgusynyň, hyżuwynyň guycluliginde daldir, cunki her bir şahyrana kalp, zehin hyżuwly duygyny tasin gozellikde berip biler. Sebabi ýaşaýşyň mazmuny duymakdan, pikirlenmekden ybarat bolup, şahyrana kalp adaty kalpdan has tasirli duymagy başarýar. Şol sebapli liriki eseriň ilkinżi Baha berilyan gymmaty onuň pikirindedir, ideyasyndadyr, mazmunyndadyr. Şahyr predmeti belli bir pikir esasynda duyyar. Oz duygusyna bolsa, oz idealyna layyk mazmun beryar. Dogry, eseriň hyżuwly duýgusynyň ahimietini inkar etmek bolmaz. Ol eseriň ceper, tasirli bolmagynyň esasy şertidir. Yone, sub`ektiň duygusy nace bay bolsa-da, durmuş wakasyny nace hyżuw bilen beyan etse-de, oňa belli bir ideya esasynda mazmun berilmese, onda ol eser dly bahaly ceper eser bolup bilmez. Bu diyildigi pikir, ideya żemgyet, durmuş esasynda yuze cykyar, şahyr bolsa żemgyetden üzňe ýaşap bilmez diyildigidir. Żemgyetiň ruhy bilen gyzyklanmadyk şahsyetiň ruhy sub`ektiw hasietdedir. Onuň ruhy ahwalaty-agysy, şatlygy hic yuregi tolgundyryp

bilmez. Edil şonuň yaly-da şahyrana kalp oz ob`ektine adamcylyk, żemgyetçilik ruh berip bilmese, onuň hyżuwy, żoşguny nace guycli we bay bolsa-da, doly bahaly ceper liriki eser daldir.

Şüküriniň lirikasy Gündogaryň progressiw yazuw edebiyatynyň mes topragyndan iymitlenen «miweli agacdyr». Onuň miwesi döwürdeşlerine uly lezet beripdir. Bu diyildigi şahyryň lirikasy Gundogar poeziýasynyň oňaýly daplerini- ideya we ruhy baylygyny dowrune layyk mazmunda halkyna bagyş edendigini aňladýar. Şahyryň ceper duýgulanyş cagine żemgyetiň, durmuşyň oran kop meselesi giripdir. Bu meseleler liriki gahrymanyň obrazynda- onuň żoşgunly sozunde, hasietinde aýdyňlaşýar. Liriki gahrymanyň pikirleniş, duýgulanyş dunyasi oran giň bolup, onda biz şalar, hanlar, şyh-pirler, kazylar, ogrular,aldawcy müneçżimler… hakyndaky giň garaýşy goryaris. Žemgyetiň belli bir gatlagyny duzyan bu tipler hakdaky anyk, aýdyň duygular şahyryň onlarca gazalynyň ob`ekti bolupdyr.

Eysem Şüküri durmuşy we żemgyeti nahili obrazlarda hem-de neneňsi şekillendirýär?

Şüküriniň lirikasynda iň kop işlenen sotsial obraz- şanyň obrazydyr, has takygy şa hakyndaky garaýyşlardyr. Şahyryň bu garaýyşy anyk bir şanyň –emir Nasrullanyň mysalynda formirlenipdir. Şanyň żemgyetde, dowlet caginde, halkyň durmuşynda tutyan orny hakdaky umumy düşünżeler Şüküride entek emir Nasrulla bilen duşuşmazdan öň hem bardy. Emma şa bilen duşuşykdan, köşk durmuşy bilen tanşandan soň öňki umumy garaýyşlar has anyk, real mazmuna girip ugrayar. Öň şahyr şa hakda umumy pikirlenyardi, ony ideal şahs hokmunde dap boyanca şekillendirýärdi. Onuň ucin şa uly bir gudrat bolup, ahli ynsan şondan ruhlanypdyr. Şüküriniň heniz Buhara gelmanka, Samarkantda yazan bir gazalyna seredip göreliň! Ol «Ey saky, kadah bile al meyinden ygtyyar» setiri bilen başlanýar. Gazalyň pafosy şa gudratdyr dien ideyadan ybarat. Bu gudrat el`etmezdir. Oňa etmek ucin tacdar gul bolmaga, gullar olmage tayyar:

Xaki-gadamlaryga deň olmak howes edip,

Toprak ile deň oldy nice ahli-tacdar[1].

Ol eżize kuwwat beryan, zalymy bisan edyan caksiz güýżüň simwolydyr. Şahyr bu pikirini eżiz żandarlaryň mysalynda şeýle obrazly setirlerde beryar:

Şa lutfunden cybynga eger etse terbiet,
Bazu-ukap ikewni gerek eylese şikär.

Mur ahlige cu terbiet bolsa destres,
Şiri-żiýan tapmas anyň howpudan karar.[2]

Görnüşi yaly, şanyň lutfi-gudraty cybynyň lacyndyr burgudi, garynżanyň yolbarsy awlamagyna kuwwat beryar. Bu obrazly setirler Şüküriniň patyşa bolan ideal garaýşynyň netiżesidir. Yzky beyitde şahyr ony legendar ot bolan kimiya deňeýär. Gudratly kimiya her bir metala degende, ony altyn-kümüşe owürýärmiş:

Lutf ile taňry berdi kemaly-şeref,
Xer bakmagy żahan ilige kimiyaca bar.[3]

Bu garaýyşlar Şüküriniň liriki duygusy, oylanmasy bolup, ol real hakykatdan daşdadyr. Cunki real duygy real hakykata goz etirmekden gelip cykyar. Şahyr şanyň «her bakyşyňdan żahan iliniň durmuşynyň gowulanmayandygyny gorup duran hem bolsa, şany oz idealy, islegi boyanca wasp edyar. Bu idealdaky şa adalatly, rehim-şepagatly bolup, yardyny abbat, ilini dok saklayan ideal tipdir:

Mahzany-żuwdy-saha, magdany, adly-towpyk,
Zurum ahli adu kylyga cun tygy-dudem .

[1] Inw №2163, 234 sax.
[2] Şol erde, 235-236 sax.
[3] Şol erde, 235 sax.

Yollar eminet, mulk hatardan Aman,
Ahdide gurk reme, bazu-kebuter hemdem.[1]

Emma şahyr bu patyşa her nace ideal keşp berse-de, ony durli położitel hasietler bilen gotergilese-de – mahlasy otritsatelt hereketi bolmadyk ideal şany döretżek bolsa-da, bu obraz oňa başartmaýar. Cunki şeýle şanyň tipii durmuşda yok. Durmuşda yok tipiň obrazyny döretżek bolmaklygyň ozi bolsa, islese-islemese-de Şükürini gapma-garşy duýgularyň ustunden eltipdir. Yokary setirlerde biz ideal şanyň ýardynyň abatlygyny gorupdik. Emma yzky bentde biz şahyryň ideal patyşa beren şu sypatyna garşy bolan setirleri okayarys:

Watan etdi işigini aży, ýalaňy, gallaş,
Birige-nan, birige-cepan, berdi birigedirem.[2]

Diymek, Şüküriniň pikirinde beslan şasynyň adyllygy, sahylygy eżizi-aży bir gezek olumden halas etmekden ybaratdyr. Olaryň durmuşyny gowulandyrmagy, umumy durmuş dereżesini artdyrmagy ol asla pikirine-de getirmeyar. Bu hem kanundyr. Sebabi bu pikir şahyryň döwürdeş şalaryna mahsus ideya dal. Şol sebapli şahyr şanyň hasietini her nace ideallaşdyrżak bolsa-da, ol durmuşdaky şanyň hasietini alypdyr.

Görnüşi yaly, şahyryň şa hakdaky pikiri idealdyr. Şahyr patyşa hakda döwrüň, żemgyetiň standart, galypa giren żümleleri bilen gepleyar. Bu standart żümleler zalym şanyň gahar-gazabyndan, zorundan gorkan dar sredada doran sozlerdir. Wagt gecdigice, ol żümleler adaty aydylyan sozlere owrulipdir. Şa huzuryna baryan şahs şu żümleleriaýtmaga meżbur bolupdyr. Bu żümleler şany ideal han hokmunde gorkezip, oňa ideal keşp, hasiet, hereket beryar. Şüküri hem şa

[1] Inw № 5022, 33b.l.
[2] Şol erde, 34b.l.

köşgüne emir barada şu duygular bilen gelyar. Şu pikiri subut edyan ene-de kabir şygyrlaryna yuzlenip göreliň!

Şüküriniň «Şikaýat kylay» şygyryna seredeliňde, onuň dogduk yardy Ferganadan ayry düşendigine Kaba zyyarata gidendigi sebap bolan yaly gorunyar. Goya ol Samarkanda gelip, cykgynsyz gune düşüpdir. Mundan aňryk yoly dowam etmegine nabelli sebapler pasgel beripdir. Emma şahyryň butin lirikasynyň ruhyna, motiwine, ylayta-da ayralyk şygyrlar tsikliniň aheňine siňe seredilende, Şüküriniň bu aýraçylygynyň sebabi başga faktlarda gorunyar. Onuň ucin Kaba zyyaraty żezadan gacmaga ortgi bolupdyr. Ol Fergana, Kokant hanynyň syyasatydan, ozune beren ez`etinden gacyp Samarkanda gelipdir. Samarkantda ol syyasy gacybatalga gozlapdir. Ine, şu fakty şahyryň aşaky rubagysy şeýle gorkezyar:

> Ey, merhemetiň hasta köňüllerge mudawa,
> Alemge żenabyň sebebi – fahry temenna,
> Yuz müň kişi lütfüň ile sahyby-menzil,
> Geldi bu geda hem tilenip, menzili-ma`wa.[1]

Diymek, Şüküri Samarkanda, umuman Buhara hanlygyna eżiz halda, ruhy tarapdan asgyn yagdayda gelipdir. Şol sebapli onuň şa hakynda ideal pikirde bolżakdygy düşnüklidir. Oz diwanyna yazan sözbaşysynda, ony emire sowgat beryandigini nygtap, şahyr emiri şeýle taryplayar: «Seyit emir Nasrulla Muhammet Bahadyr soltan… adalat nahalyny şerigat bostanyga otkuzyp, bagzy hatapişelerni dar saryga buyaryp we bagzy magsyet endişlerni kylmyşyga layyk tayak urup, zulum we fysyk binyadyny dahr topragyndan uzup, mazlumy-dilşikeslerge lutfu-enayat gorkezip… diyanat mülküniň abat kylar erdi».[2] Şahyr emir bilen duşuşýança, iş salyşýança ol barada öňki pikirinde ýaşapdyr. Şanyň hyzmatyny etmegi ozune uly bagt hasaplapdyr. Patyşa bolan şu garaýyş, onuň hyzmatyny etmek Şüküride uly

---

[1] Inw №2163, 243 sax.
[2] Inw №5022, 3a-3b l.

żoşgun, hyżuw,buysanc doredipdir. Şahyryň bu duygulary onlarca odanyň doremegine sebap bolupdyr.Ozuni kemsiz, bagytly hasap edyan Şüküriniň duygusy bu şygyrlarda gor, nahili ynamly we buysancly cykyar:

Weliken hemme zaty-tebgym meni,
Mubarek nazar gurbyga tapdy yol.

Ne perwa ulus tagnasydan maňa,
Sozum şa żenabyga boldy kabul.[1]

Şüküriniň birtaraplylygy adalatlylyk duygusyny bir hereket, bir yagday bilen olceyanliginde we şol duygyny yzygiderli osdurmeyanligindedir. Şol sebapli şahyryň adalatlylyk baradaky düşünżesi mydama uytgap duryar. Xatda şahyryň Nasrullany adalatsyzlykda ayyplayanlygyna hem duş gelinyar. Bu barada yzla durup geceris.

Şüküri birnace satiriki şygyrlaryň hem awtorydyr. Bu eserler şahyryň döredižiliginde żemgyete bolan gahar-gazabyň iň aýdyň yuze cykmasydyr. Olar Şüküriniň kabir żemgyet nogsanlary bilen yuzbe-yuz çykmasynyň netiżesidir. Emma bu eserlerden żemgyetiň icki syrlarynyň doly acylmagyna, şahyryň yokary gatlak wekilleri, ylayta-da şa bilen ac-acan göreşine garaşmak mumkin dal. Bu meselani şahyr goz öňüde hem tutmandyr. Olarda gozgalyan esasy mesele yokarky synpyň ahlaky ayyplaryny yuze cykarmakdyr. Şahyr żemgyetiň ahlak taydan cuyrikdigini subut etmgi baş tema edip alypdyr. Şüküri satira yazyan wagtynda oz ob`ektiniň gonuden-goni sotsial dereżesi bilen gyzyklanman, onuň ozunde doreden yigrenc duygusyny yuze cykaryar.

Şüküriniň «Şyh» redifli gazaly satiranyň gowy nusgalarynyň biridir. Bu şygyr butin barlygy, durky bilen agraslyga, gazaba, salyhatly paş edižilige yagrulypdyr. Şahyr gara nebsiniň esiri bolan din wekilleriniň ayyplaryny yuze cykarmak ucin oňa mahsus bolan hasietlere yuzlenipdir. Şygyrda hasietlendirilyan şyh bisowat we

[1] Şol erde 5l.

nalażedeýinliginden hem daşary, oz yoluny dogry diýdirżek bolup, her hili hereketlere gidyan tipdir. Goz`etimi oz hanakasynyň caginden cykmayan, belli duzgune ram eden bu tipiň durmuşy oz-ozunden yigrenc gulkusini doredyar. Ol şyhyň maksady dini talaplar arkaly bayamak, mulk edinmekden ybaratdyr. Ine, şu maksadyny goz-gortele ýaşyrmak bilen ol ozuni alym, sowatly gorkezmek ucin durli «gowgalara», żedellere goşulýar. Şüküriniň satirasynda, ine şu detal aży gülkiniň, kinaýanyň mysalydyr:

Xanaka icre girip, bihuda gowga kylma, şyh,
Zahl ile gumrahlygynyň ilge efşa kylma, şyh.[1]

Xaysy stilde yazylyandygna garamazdan, satirada reallyk guycludir. Onda pikir ceper obrazlar, real beyan ediş arkaly żanly, duyarlykly şekile giryar.

Şüküriniň şyhyň harsydunyaligini paş etmekde ulanan aşakdaky obrazly żümleleri pikiriň aýdyň, żanly yuze cykmagyna, gor, nahili guycli tasir edipdir. Bu erde harsydunya sözüniň getirilmegine zerurlyk yok. Şahyr ony poetiki obrazda şahyrana beryar:

Damy-tezwir eyleban seżżada birle sabhany,
Sayd ederge birnice eblehni peyda kylma, şyh.[2]

Namazlyk bilen selle sowatsyzlary aldamakda molla ucin duzakdyr diyilmesi pikire obrazlylyk beryar.

Şüküriniň satirasyna mahsus bir ayratynlyk bar.Ol-da bolsa, şygyrlarda didaktizmiň guycluligidir. Şahyryň ýazgaryży satirasynyň icinden ahlaga çagyryżylyk aheňi ok bolup gecyar. Ol ob`ektini hernace masgaralasa-da, ondan

[1] Inw №2163, 76 sax.
[2] Inw №2163, 76 sax.

duypgoter yuz owurmeyar. Ony arassa ahlaga, durmuşa cagyryar. Yokarky şygyrda hem yagday şunuň yalydyr. Ol şu owut bilen yuzlenar:

Ger tilar sen afyet iki żahan apatydan,
Bolma pabesti tagallyk meyli-dunya bolma, şyh.[1]

Romantiki lirikada, şol sanda Şüküriniň şygrynda sotsial ruh şeyledir. Şahyryň żemgyete, dunya gurluşyna garaýşy entek hem kop meselelerde yuze cykyar. Ol barada eri gelende durulyp geciler.

[1] Şol erde.

# II.Bap. Romantiki lirikada hasiet problemasy we ony yuze cykarmakda sub`ektiw-emotsional dap.

## 1. Şüküriniň lirikasynda hasiet problemasy.

Ceper edebiyatda hasiet problemasy esasy meseleleriň biridir, cunki şu problemanyň işlenişi bilen edebiýatyň ayratynlyklary, özboluşlylygy, stili yuze cykyar.Obrazyň icki hasietiniň yuze çykarylyş stili edebi eseriň degişli usulyny, ugruny kesgitleyan esasy faktordyr. Gahrymanyň hasietindaki ideya koptaraplylygy, duygular gonuden-goni durmuşyň onumi bolup, olaryň durli asyrlarda başga-başga bolmagy dialektiki kanundyr. Sebabi durmuş oz ösüşine layyklykda edebiyatda hem taze hasietleri formirleyar.

Realizmiň hasieti yuze çykaryşda oz dapleri bardyr. Goy epikada ya-da lirikada bolsun-parhy yok, realistik eserde gahrymanyň hasieti synpylaşmalydyr. Gylygy, hasieti, pikiri, duygusy, ynamy bilen gahryman haysydyr bir synpyň, sotsial toparyň wekili bolmalydyr. Ine, hasietdaki şu taryhylyk bolmadyk pursatynda, ondaky duýgularyň reallygy hakda gürrüň gozgamak asla mumkin daldir.

Şüküriniň liriki gahrymanyndan şeýle hasieti tapyp bolmayar. Onuň gahrymany hasieti boyanca belli bir taryhy-sotsial döwrüň, wagtyň gahrymany bolman, eyse umuman adamzada degişli hasietli adamdyr. Onuň duygulary taryhy dowur we taryhy adam hasietleri bilen caklendirilmedikdir. Şüküriniň lirikasynda duygularyň aňyrsy gorunmeyar, olar tukeniksiz we caksizdir. Realistik sungat şeýle caksizlige yol bermeyar. Sebabi, onuň predmeti anykdyr we aýdyňdyr.

Şüküriniň emotsional oýlanmasynyň baylygyny, inceligini, tasirliligini subut etmek ucin ene-de bir şygryna seredip göreliň! «Tyg» redifi bilen gelyan bu gazal liriki gahrymanyň ene-de bir tragiki hasietini acyp gorkezyar. Bu eserde hem baş tema ayralykdyr. Yone şu ayralyk ideýasynyň şygyrda yuze çykarylyşy şeýle bir yiti we ażaýypdyr. Duýgularyň giden bir tsikli şu ideýanyň towereginde żemlenip, liriki dunyani emele getiryar. Şygra «Tyg» redifiniň alynmagy, gahrymana durmuşy hasiet-başarżaňlyk, söweşżeňlik, gayduwsyzlyk beräýżek yaly duyalsa-da, ol gocme

manyda ulanylyp, başga aspekte- gahrymanyň ruhuna tarap syrygyp gidyar. Dogrudan hem, ayralyk ideyasyny durli aspektde işlemek mumkin. Ege rol ideya durmuş bilen baglanyşdyrylsa, onda gahrymanyň hasietinde, duygusynda durmuşylyk, sotsiallyk, taryhylyk duyalmayar. Şu şertler duyalmasa, onda şygyr romantiki stildedir. Şüküriniň şygrynda ayralyk durmuşdan üzňe doreyan adamynyň umuman tebigatyna mahsus bir haldyr. Şol sebapli Şüküri şeýle diyyar: ayralyk ucin dowur tapawudy yok, ol umuman adamzada mahsus duygudyr, şonuň ucin hem adam aglabam biler, gulubem, gulkudir agy hemme wagt meňzeşdir. Xut şu erde hem Şüküri romantikdir, cunki adamyň gulkudir agysy hemme wagtda birmeňzeş daldir, ol taryhydyr, kop taraplydyr, sotsialdyr, durli-durludir… Ayralyk agysyny cekyan Şüküriniň gussasyny synlap göreliň:

Ah, kim katlymga cekdi zalymy-hunhor tyg,
Dahir topragyn eder ganym bile gulzar tyg.

Žoş urar fewware dek her zahmydan tugyan gan,
Şuhy-biperwa tenimge urdy bimukdar tyg.

Men nicik gan yyglamay agyarlar ygwasydan,
Dembe-dem katlymny istap eyledi ezkar tyg.

Bir bakyp yuz müň meniň dek zarny oldurgusen,
Ger helakimni tilar bolsaň, imes derkar tyg.

Ey, Şüküri, gam ile gaygy helakni isteseň,
Rindler bezmige gir, mey möwżüdir, tayyar tyg[1].

---

[1] Inw № 2163, 112-113 sax.

Şygyrdaky duýgularyň hic birinde hem taryhylyk yokdur. Şertli görnüşde alnan «tyg» realistik şygyrda redif bolan bolsady, onda onuň predmetleyin manysy yuze cykardy. Tyg oz hakyky borżuny erine etirerdi, yagny ol gahrymanyň durmuşy bilen bagly bir ganly żenżeliň sebapkari bolardy. Emma bu erde tygyň oz wezipesi, oz manysy bar. Ol gahrymanyň ruhy dunyasi bilen bagly bolup, özüniň predmetleyin manysyny yitiripdir. Gahryman oz ayralyk derdini yuregine tyg urlan adamyň żebri bilen deňeşdirýär. Bu erde tyg aýralygyň simwolydyr,emotsional kartinanyň sebapkaridir. Eysem şu kartinka neneňsi?

Gahrymany ayralyk, yagny tyg oz ganhory hokmunde parcalayar. Onuň kukreginden, butin żesedinden gyzyl gan purkulip dur dyngysyz urulan tygyň yarasyndan akyan gyrmyzy gan daş-toweregi al-elwana boyapdyr. Şonda gahryman oz soygulisine şeýle yuzlenyar: Eger bar maksadyň meni oldurmek bolsa, tyg bilen eżir etmek hokman dal ahyry, barybir tyg uranyň bilen men olmen, bir bakyşyň meni oldurmage eterlidir. Wepaly aşykdan gan dökeniň bilen maksadyň hasyl bolyan bolsa, onda seniňki eterlidir. Ah, Şüküri, bu gaygy-gussadan dynżagyň çynyň bolsa, şerap ic, mey goter, meyhorlaryň meyhanasyna bar! Ine şygyrdaky emotsional kartina. Şu yagdaylar belli bir taryhy döwrüň gahrymanynyň real keşbini gorkezip bilmeyar. Sebabi duygular taryhy döwrüň onumi bolsa-da, hut şol dowur bilen şertlenmeýär. Xas takyky gahrymanyň duygulary aýralygyň sotsial koki, durmuş sebapleri barada bolman, tersine, ayralyk zerarly kosenyan, curkenyan adamyň ruhy ahwalatyna bagyşlanypdyr.Bu erde duyguny ceper yuze cykarmak ucin alnan «tygyň» hem sotsial durmuşy mazmuny yokdur. Ol yşga-soyga hupbat yamanyny beryan döwrüň sotsial alamatlaryny ozunde żemleýär. **Tyg-** umuman ayralykdyr, yşk «sowdasyndaky» bolaymaly, gutulgysyz hem-de adaty bir hadysadyr. Aşyklar oňa öwrenşendir we kayyldyr. Şu aydylanlar Şüküriniň lirikasynda indiwidual emotsiany, su`ektiw duýgunyň guyclidigini aňladýan faktlardyr.

Şahyr haysy mesele, ideya barada sohbet acsa-da oňa sub`ektiw garaýşyny siňdirpdir. Oz ýüreginiň-köňlüniň islegini beyan edipdir. Ayratyn bolumde duryandygymyza garamazdan, ideya-mazmun bilen bagly emotsiýanyň dürliligiň bir

nusgasyny derňäp goryaris. Bu bolsa, romantiki lirikada häsietiň beriliş ayratynlyklary bilen hem berk baglydyr.

Şüküriniň şahyrana pikirleriniň arasynda gacmak ideyasy uly bir problema owrulipdir. Eysem, Şüküriniň gahrymany durmuşyň namesini halamayar we nira gacasy gelyar? Elbetde, Şüküriniň durmuş bilen çaknyşýan eri oran kop. Yone bizi meseläniň diňe gacmak bilen bagly tarapy gyzyklandyryanlygy ucin, pikiri anyklaşdyrmak zerurdyr. Şüküriniň gahrymany özüniň żemgyete bolan ýigrenżini real detallarda esaslandyryp bilmeyar. Şahyr durmuşy yurek gysganclygy şahsyeti-adamy gorkuzyży, çekindiriżi düzgünleriniň bardygy ucin yigrenyar:

Ne halkga murewwet bar, ne resmi-wepa ilge,
Bu żümle wepasyzdan bolmak herasan ýagşy.[1]

Şu setirlerden liriki gahrymanyň durmuşyndan gorkusy, ondan doygunlygy gonuden-goni yuze cykyar.

Özüňi halas etmek duygusy, gahrymany gaçybatalganyň gozlegine cykaryar. Liriki gahryman ucin şeýle gaçybatalganyň biri asketizmdir. Syyasatdan, durmuşdan, gullukdan çetleşip, diňe hudaya gulluk etmegi hem gahryman özüňi halas etmegiň bir görnüş hasaplayar. Daşky sreda gabygyny galdyrman, alla tagalanyň parz-ważyplaryny berżaý edip, sessiz unsiz cete cekilibermek gahrymanyň iň kuseyan zady. Şonuň bilen ozuni azatlyga cykarandyryn oydyar, ine mysallar:

Ger seni eylar nyşana, cun halasyň, isleseň,
Gaşy yay, kirpikleri ok şuhy-biperwaga gac.

Şamy-prakda żepa kop, subhy-waslyda wepa,
Üşbu mahnethanadan bu dowleti-uzmaga gac…[2]

---

[1] Inw №2163, 157 sax.
[2] Inw №2163, 157 sax.

Gacmak ideyasy diňe Şükürä we onuň ýaşaýan sredasyna mahsus daldir. Ol Gundogar edebiýatynyň urc eden temasydyr. Zemgyetiň gurluşyna, ösüşine materialistik düşünżäniň yok dowri sub`ektiw oýlanyşa- utopiya giň gerim beryar. Yokarda derňelen gacmak ideyasy hem sub`ektiw garaýşyň, oýlanyşyň, hereketiň yuze cykmasydyr. Şahyr ozunio hasietini żemgyetiň onumi, döwrüň – wagtyň onumi hokmunde gorkezesi gelmeyar. Şol sebapli gahryman bilen şahyryň aratapawudy yitip gityar. Romantiki lirikanyň – yurek lirikasynyň tebigaty şeýle. Şol sebapli romantiki lirikada gahryman şahyrdan – awtordan üzňe daldir. Ol şahyr gahrymandyr. Onuň hasieti – duygusy tipleşmeýär, tipleşäende-de, romantiki tipleşmeýär.

Romantiki lirikada duygular, hasietler caklidir, şertlidir. Şol sebapli bu duygular, hasietler osmeyar, kämilleşmeýär. Ösüş protsesi bolyanda-da, olşol şertli duyguny çuňlaşdyrýar, inceldip-inceldip «uzulere getiryar». Şüküriniň lirikasy muňa aýdyň mysaldyr. Lirikadaky gahryman durmuşyň anyk, real wakasy, hadysasy bilen çaknyşan wagtynda onuň duygulary, duygular arkaly yuze cykyan hasieti real daldir, romantikidir, ol Gundogar edebiyatynda owal işlenen, lenc edilen romantiki duygulara aralaşýar. Emma şol standart duygulardan-gacmak, eklik, ayralyk, agy-gözýaş, duşuşyk, wepa, ar-namys, oyke-kine, rakypdan nadyllyk, wepasyz pelege gargyş yalylardan daşlaşyp, real duygulara gecip bilmeyar. Yone şol duygular has çuňlaşýar, incelyar, hatda olar şeýle bir gozellige, incelige etyar, şonda şahyryň ussatlygyna aklyň hayran galyar. Şüküriniň lirikasyndaky soygi hem romantiki soygudir. Aşyk we magşugyň ozara soygulerinde durmuş alamatlary gorunmeyar dien yalydyr. Olaryň soyguleri diňe owadanlyga bolan soygi esasynda doran muhabbetdir. Dogrudan hem bu şeýledir. Şüküriniň gazallaryndaky gahrymanlaryň-aşygyň we magşugyň hasietleri hem edil Nowaýynyň gahrymanlaryndaky yaly durmuşdan üzňedir, idealdyr. Ideal durmuşda ýaşaýan gahrymanyň hasieti hem idealdyr.

Şüküri hut şeýle romantik bolany ucin erkana pikir edyar. Muny şahyryň lirikasynyň ideya-mazmuny doly subut edyar.

## 2. Şüküriniň lirikasynda romantiki peýzaż.

Edebi protsesiň taryhynda tebigata bolan garaýyş, ony ceper özleşdiriş durli etaplary başdan geciripdir. Elbetde, ceper aňyň formalaşmagy, ösüş bilen ayrylmaz bagly bolandygy ucin, edebi protsesdaki tebigaty kabul ediş hem şu etaplara bolunipdir. Cunki żemgyet elmydama ösüşde bolup, şol ösüşiň her bir etapynda durmuşa, adama, tebigata bolan oz estetiki, filosofik we ceper garaýyşlaryny formirleyar.

Turkmen edebiyatyndaky tebigatyň ayratynlyklaryny boydan-başa bire-bir «sayhallamak», ony żemgyetiň ösüş ayratynlyklary bilen baglamak, elbetde, mumkin daldir. Bu meselani doly cozmek ucin turkmen żemgyetiniň we edebiýatynyň ösüş ayratynlyklaryny, olaryň durmuşa, adama bolan garaýyşlaryndaky özboluşlyklaryny belli bir dowurler we etaplar boyanca «sayhallamak» gerekdir.

Romantiki stil` hic wagt tebigata oz ob`ektiwliginde garamayar. Ondaky peýzaż real tebigat dal-de, gurnalan, yasalan, şahyryn ceper aňyndan gecen tebigatdyr. Şol sebapli ol peýzaż eseriň gahrymanynyň ruhy bilen berk baglydyr. Eger liriki gahryman şadyýan we żoşgunly yagdayda bolsa, tebigat hem ulaldylyp, osdurilip, şol şatlygyň dereżesine cenli «çişirilýär» yada tersine-de bolup biler.

Liriki gahrymanyň ruhy bilen bagly bolan bu tebigat şertli we cakli yagdayda bolup. Ony beyan etmekde romantiki stil` koptaraply mumkincilikleri doredipdir. Meselem, bir bada goraymage adaty tebigata meňzäp duran peýzaż siňe seredilende, gahrymanyň sub`ektiw duygulary bilen organiki utgaşykly bolup cykyar. Şüküriniň lirikasyndaky peýzaż hem edil şeýle romantiki peýzażdyr. Şüküriniň peýzaży żanlandyryş stili onuň umumy dörediżilik ruhundan, idealyndan gelip cykyar. Cunki peýzaż şol ruhuň, idealyň ayrylmaz bir şahasydyr.

Bitewilikde alanyňda, Şüküriniň lirikasy tragiki motiwde, sus we gamgyn ruhdadyr. Liriki gahryman koplenc şahsy durmuşyndan, umuman żemgyetden şikaýat edyar. Şol sebapli ol gamgyndyr, bicare, eżiz we betbagtdyr. Gahrymanyň bu sussupesligi şahyryň hut oz şahyrana tebigatyndan gelip cykyar.

Gamgynlyk romantizmiň, yagny durmuş, sreda barada utopiki pikirlenyan bu metodyň baş printsipidir. Bu printsipe layyklykda Şüküri ekelik, gacmak, argynlyk, toba, namaz okama, «yola girmek» yaly onlarca sus ideýalaryň towereginde bar unsuni żemläpdir.

Şüküri ine, şeýle agyr, çylşyrymly oylanmalara yuzlenen pursatynda hem oz idealyny tebigat hadysalary bilen deňeşdirmek arkaly żanlandyrmagy başaran uly ussatdyr.

Şüküriniň lirikasynda, ine, şeýle gizlin we żadyly tebigat az, yone bar. Onuň «Gul» redifli gazaly we «Bahar» kasydasy muňa eterlik mysal bolup biler. «Gul» gazalyny mysal alyarys:

Gok nykabyn cihreden cun saldy, handan boldy gul,
Bilbili-biarelerge apaty-żan boldy gul.

Gulge bakdy andalyp ahli düşüp żanyga ot,
Ataşin rugsar ile ol dem nemayan boldy gul.

Koymek izhar etdi bilbil, kasry-gulbundan cykyp,
Şuglalyk żismin nyşan etmekge uryan boldy gul.

Tagtyny gurdy zumerret ustuge yakutdan,
Olturypdyr, bil, cemen ahlige soltan boldy gul.

Weh, ne cun sagatba-sagat taby yok ruhsaryny,
Perde yuzden salganyga ya puşeýman boldy gul.

Ger perişan etmek ermes bilbiliň ahwalyny,
Tura ýaňlyg akdydan necun perişan boldy gul.

Etgurer, bil, her tarapga ygtyyar eylar ise,
Beyle nisbet birle dahr icre Suleyman boldy gul.

Bu gulustan guşlary gecdi adem sahrasyga,
Mesgeniden er yuzuge cun perefşan boldy gul.

Ey Şüküri, şebnem ermes tun ol ay hiżranyda,
Köwkepefşan boldy goz, halymga giryan boldy gul.[1]

Şygyr barada ilki bellemeli zat, onuň Şüküri ucin tazelik daldigidir. Gul yazuw lirikasynyň mudimi obrazydyr. Yone bu şygyrda Gul obrazy eseriň butin süňňüni eeleyar. Eserde liriki sýażet hem bar. Gülüň hereketi, «hasieti» hem żanlanýar. Emma bu stil` hem tazelik daldir. «Gul» redifli gazaly enceme klassyk şahyrlarda goryaris: Nowayy, Fuzuly, Zamy, Mollanepes yaly beyik ussatlaryň şygyrlary muňa şaýatdyr. Diymek, «Gul» bilen baglanyşykly peýzaż romantiki taditsiyadyr. Şu tradiyiya bolsa, ideyany peýzażda bermani dap edinipdir. Eysem yokarky şygyrda nahili gizlin ideya we mazmun bar? Ine, şygryň sýażeti: Gul oz yuzunden gok nikbyny ayryp, hoşroý surata giryar (acylyar). Onuň yuzi gun yaly şöhleli. Cemenlerden tagt gurap, gulustana soltan bolup otyr. Yune her sagat gecdigice,onuň żemaly solyar. Gülüň acylanyny gorup, ot-elek bolan bilbiller bu solguny gorup oda düşýärler. Bu solgunlyk bilbilleri koydurmek ucin gülüň «oyanlarymyka» ya-da dogrudan hemo l perişanmyka? Ya-da acylyp, ile yuzuni gorkezenine puşman edyarmika? Xowa, ol gul şeýle bolmaly. Şeýle boluş bilen hemo l tutuş er yuzune Suleyman yaly hokumdardyr. Bu gülüstanyň guşlary ucar gider

[1] Inw №2163, 129 sax.

welin, onuň eke ozi galyberer. Şüküri, sen hem şol gülüň aşygy. Sen olup, ol galmaly.Şol sebapli onuň ayralygyna doz gelman, gözýaşyň gun cykanda asman ýyldyzlarynyň dökülişi yaly dokulmelidir.

Görnüşi yaly bir gazalda uly sbżet bar. Şol sýażet hem simwoliki mazmundadyr. Gul hudaýyň alamatydyr. Bilbil bolsa, şu dünýäniň adamlarydyr. Bu şygyr simwoliki romantizmiň mysalydyr. Şygyrdaky ahli obraz allegorik hasietde bolup, adamynyň, sopynyň hudaya yşgynyň żanlandyrylmasydyr. Sufistik ylmyň öwredişi yaly, tarykatyň iň soňky basgancagyna eten derwüşe huday-magşuk durli sypatda görnermişin. Ine, şu şygyr hudaýyň gul sypatynda «açylyşynyň» beyanydyr. Şüküri şu pursaty yazmak bilen ony gizlin, peýzaży «dile» geciripdir.

«Bahar» kasydasy Şüküriniň peýzaża ýüzlenmesiniň iň aýdyň mysalydyr. Bu kasyda yazuw lirikasynyň dabi bilen yazylan hem bolsa, onda romantiki suratkeşlik, aýdyňlyk, heňdarlyk oran guycludir. Onsoňam, bu şygryň butin ruhy, ideyasy durmuşy mazmun bilen aýdyňlaşýar. Ol yokarky şygyr yaly, galp terminler, aňlatmalar bilen doldurylan eser daldir. Dogry, bahar bilen baglanyşykly kasyda, gazal, munazara eserleri Gundogarda kop işlenipdir. Meselem: Xoża Ahmet Ýasawynyň «Gyş bilen ýazyň munazarasy» atly eseri bize belli. Ol drşy bilen sufistik ideya yagrulandyr. Bu erde şu taglymatyň icindaki gapma-garşylyklar gyş bilen ýazyň «urşunyň»-żedeliniň fonunda yuze cykarylypdyr. Şuňa meňzeş mysallary ene-de getirmek mumkin. Şüküriniň şygryndaky bahar bu zeyilli tayyar ideýalaryň gurbany daldir. Tersine, şahyr oz düşünżesinde, durmuşynda, gun-guzeranynda yuze cykan gapma-garşylygy aýdyňlaşdyrmakda baharyň liriki kartinasyny doredipdir. Eysem, şol kartina neneňsi?

Gok lybasyny geyip Bahar geldi. Ol ahli gullerden goşun toplap, gyşyň galtamanlaryna tarap hüżüme gecyar:

Sansyz şukufeti-zanbak reyhan ilin yygyp,

Xinduyi dey saryga cirik cekdi bişumar.[1]

Delw ayynda iki duşman (gyş,yaz) tutaklaşyp, yaz hüżüme gecyar. Ol gyşyň esgerlerini eke-ekeden tutup yuzune gara surtup masgaralayar. Gülşeniň bagy bark urup taze durmuş başlanýar. Bilbiller baga gelip gorke giryar. Saher şemaly uruş meydanyny arassalasa, yaz buludy suw sepip, eriň gubaryny yok edyar:

Bady-saba supurdi bu gulzar sahnyny,
Xer yan bulut suw urdy, yol tapmady gubar.[2]

Şygyrda suraty cekilen bu syrly tebigat, Şüküriniň oz durmuşy aladalarynyň simwoliki beyanydyr. Bu erde hakyky tebigatyň beyany bilen birlikde sub`ektiw oy pikiriň, garaýşyň ozi bardyr. Şahyr gyş bilen baharyň «urşuny» suratlandyrmak bilen, oz durmuşyndaky «urşy», yagny baylyk bilen garyplygyň żedelini bermek islapdir. Ol emire yuz tutup, yagny bahara garap, ozi gyş gününiň aladalaryny yok etmegini sorayar. Dogrudan hem şahyryň başynda gyş «kowsarlayar», gubarlayar:

Bu gulny arzy sayayy-taňry żenabyga,
Uşbudurar, tebgyma yol tapdy bir gubar.[3]

Şahyr ýaşaýan żaýyndan kowulypdyr, «biwatan galypdyr». Akyly çaşyp, gaygy-gussa ustuni basmarlayar. Ine, şu yagday, yagny sotsial durmuşy aladalar şahyryň «Bahar» şygrynyň doremegine getiripdir.

Umuman żemlenende, Şüküriniň romantiki peýzaży özüniň gizlinligi, żadylylygy bilen durmuşdan narazy ynsanyň ruhy halyny acyp gorkezyar. Şahyryň peýzażyna diň salynsa, onda feodal żemgyet bilen ylalaşmaýan göeşiżiniň gussasy, gamhorlugy aýdyňlyk bilen yuze cykyar.

---

[1] Inw №2163, 83sax.
[2] Şol erde 84 sax.
[3]Inw №2163, 83 sax.

## Netiże.

Yokarda aydan pikirlerimizi żemläp, Abdyşükür Şüküriniň dörediżiliginde romantiki stil` barada aşakdaky yaly netiżä geldik.

Şüküriniň turkmen edebiýatynyň ideal romantigidir. Şahyryň biografiyasyna degişli maglumatlaryň esasylaryny onuň «Şikaýat kylay» atly şygryndan alypdyrlar. Yokarda bellap geçişimiz yaly Şüküri oran çylşyrymly we gaty kyn durmuşda ýaşapdyr. Bu yagday şahyryň butin dorediżiligine tasir edipdir. Onuň eserleriniň gussaly aheňde, ekelik, ayralyk, gownucokgunlik mazmunda yazylmagy hem şahyryň durmuş ýagdaýynyň netiżesidir. Bu eserlerde durmuş ayratyn adamynyň, sub`ektiň ruhy durmuşy arkaly aýdyňlaşýar. Xut şu sebabe gora-de, şahyryň butin lirikasy onuň aladalary, tolgunmalary, şatlygy, gussasy, kosencleri bilen gurşalandyr. Elbetde, lirika şu duygulary şeýle formada beyan edip bilenligi bilen guycludir.

Abdyşükür-Şüküriniň eserleri iki sany atibarly golyazma arkaly biziň dowrumize gelip etipdir. Olaryň birinżisi Rossiya YA-nyň Gundogary öwreniş institutynyň Leningrad bölüminiň golyazmalar fondunda 1581-nżi bukżada saklanyar. Golyazma rus taryhcysy W.A.Iwanowyň kollektsiyasynda erleşýär. Alym bu golyazmany 1919-nży yylda Buhara sebitlerine ylmy komandirowka geleninde garakoli türkmenleriniň birinden alypdyr.

Şüküriniň bu diwan-golyazmasyna institutyň turkmen-mongol kabinetiniň ylmy işgäri merhum Zan Muginowic Muginow ilkinżi gezek doly ylmy hasietlendirme beripdir. Ol 1959-nży yylda şu hasietlendirmani we Abdyşükür-Şüküriniň dörediżiligi hakdaky gysgaca maglumaty Magtymguly adyndaky Dil we edebiyat institutynyň golyazmalar fonduna iberipdir. Z.M.Muginowyň şu makalasy arkaly Şüküriniň dörediżiligi turkmen edebiyatyna malim boldy. Şahyryň şol golýazmasynyň fotokopiyasy bolsa institutyň golyazmalar fonduna getirildi.

Bu golyazma şahyryň durli żanrda yazan 166 sany goşgusyny oz icine alyp, 138 sahypadan ybarat. Onuň 38 şygry pars dilinde bolup, galanlary turki dildedir.

Golýazmanyň kagyzy Samarkandyň yupek kagyzy bolup, XIX asyryň ikinżi yarymynda yazylypdyr. Golyazma Owezmuhammet Samarkandy tarapyndan gocurilipdir.

Diwanyň ilki sahypasyndan berlen maglumata gora, Şüküriniň şygyrlary Ozbegistanda, Garakol türkmenleriniň arasynda giňden yayrapdyr. Şu golýazmanyň iň soňky eesi Garakölüň Bayat obasyndan Annamuhammet Aşyr ogly bolupdyr. Onuň şu adama degişlidigine kepil gecyan adamlar hem Beşir, Xożambaz, Xoża salyh, Bayat obalarynda ýaşaýan turkmenlerdir. Bu kepilnamanyň name sebapden golyazma erleşdirilenligi anyk dal. Belki, golýazmanyň eke-takligi, awtoryň turkmenligi muňa sebap bolandyr.

Z.M.Muginow bu diwan-golyazmany Şüküriniň eke-tak golyazmasy hasap edipdir.Emma soňky dowurlerde şahyryň awtograf-diwanynyň bardygy anyklandy.Bu diwan Ozbegistan YA-nyň Biruny adyndaky Gundogary öwreniş inistitutynyň golyazmalar fondunda 5022-nżi bukżada saklanylyar.

Bu golyazma Şüküriniň durmuş yoly barada oran gymmatly maglumat beryan diwandyr.

Şüküri Gundogar yazuw poezýasynyň ruhunda, stilinde eser doreden şahyrdyr. Bu żümläniň manysyny düşündirmek ucun «ruh» diyen sözüň asyl manysyny bilmek zerurdyr. Ruh şahsyetiň duýgularynyň aňladylmasydyr. Adamynyň duygusy caksizdir. Gulmek, gaygylanmak, tolgunmak, şatlanmak, hyżuwlanmak… we gayrylar adamynyň uc-gyraksyz ruhy dünýäsiniň sanlyża duygularydyr. Adamynyň ruhy kuwwaty, ruhy eżizligi şu duygular arkaly yuze yaykyar. Diymek, ruh duýgularyň żemidir. Şu duygyny taryhy-ewolyatsion ösüşde gorkezmek realistik lirikanyň ayratynlygydyr. Beyle diyildigi lirikada gahrymanyň hasieti, duygusy durmuş, żemgyet bilen aýakdaş gadam basyar, öňe gidyar diyildigidir. Emma romantiki stilde yazylan eserde şu hasiet uytgewsiz, durgun yagdayda formalaşýar.Şu stilde yazan Şüküriniň dörediżiliginde hem ruhy hal şol uytgewsizliginde galyar. Xut şonuň ucin hem biz Şüküri Gundogar poezýasynyň ruhunda, stilinde eser yazypdyr diyip aydyp bileris.

Galyberse-de, her bir esere baha berilende, onuň haysy aheňde, haysy stilde yazylandygyny bilmek ucin ilki bilen onuň ideyasy nazarda tutulyar. Şu nukdaynazardan ugur alynsa, onda Şüküriniň lirikasynda, ylayta-da soygi gazallarynyň ideyasyndaky durgunlygy, uygewsizligi asketik meyli esasy bir ayratynlyk hokmunde gorkezmek mumkin. Bu ideya umuman romantizme, şol sanda Gundogar poeziyasyna hem mahsusdyr.

Şüküriniň lirikasynyň umumy hasieti, ruhy yagdayy şeýledir. Şahyr oz goz`etimini, dünýägaraýşyny şol ruhda beyan edip, koptaraply durmuşyň durli meselelerine seslenipdir. Bu seslenmeler şahyry durmuşy romantikanyň wekili edip goyyar. Biz şu işde Şüküriniň lirikasynyň ayratynlyklaryny- ideya akymyny, cepercilik özboluşlylygyny, estetiki idealyny…XVIII-XIX asyr romantiki lirikamyzyň ceper döredižilik stili bilen degşirip owrendik.

Edebi protsesdaki romantizmiň hem ozune mahsus ideya- estetiki garaýyşlary bardyr. Romantizmiň bu garaýyşlary onuň esasy printsipinden gelip cykyar. Şu printsipi W. W. Wanslow şeýle kesgitleyar: «Real bir zat bilen hakyky bolmaly zat baradaky düşinželeriň arasynda duypli nasazlyk, durmuşdan çuň narazylyk romantizimiň yuze çykmalarynyň ahlisine mahsus hasietdir». Gundogar edebiyatynda hem romantiki stiliň, kabul edişiň, özleşdirişiň yuze çykyşy şol printsipiň esasyndadyr, yagny ideal bilen durmuşyň ozara gapma-garşylygyň doremeginden başlanandyr. Elbetde, oz ruhy islegine ters gelyan žemgyetde ýaşaýan her bir soz ussadynyň ceper aňynda isleg-arzuw, ideal žemgyet barada oýlanmalaryň döreжekdigi oz-ozunden düşniklidir.

Romantizm feodal žemgyet nace galplaşdygyça, onuň nace wagşy hasieti guyclendigice, şonça-da mowc alyar. Sebabi, şahyrlarda, umuman progressiw düşünželi akyldarlarda galplaşýan žemgyete bolan yigrenc barha güýžeýär. Nahilidir başga hili bir žemgyete, bolan islegler we arzuwlar, dowam edyan žemgyetden gacmak duygulary oyanyar. Edebi protsesiň ösüş taryhyna nace icgin aralaşylsa, şu fakta has aýdyň goz etirmek bolyar.

Romantiki lirikada gussa motiwi esasy aýratynlygyň biridir.Durmuşy, şol sanda oz şahsy guzeranyny diňe tragiki fonda bermek oran kop şahyrlara mahsusdyr. Magtymguly barada aýtmanyňda hem şu ayratynlyk XVIII-XIX asyr şygrymyzyň butin ruhuny eelapdir. Şu ayratynlyk şahyrlaryň oz şahsy durmuşy bilen bagly bolan gussalar daldir. Ol gussa żemgyetçilik gussasydyr. Şygryň gahrymany ozuni eke, alżyraňňy duyyar, car tarapyny gam-gussa ortup duran hic cykalgasyz derdi-belalaryň icinde ýaşaýar.Daşky portreti boyanca ol bili bukulen, sacy agaran, dişi dokulen, galmaga-turmaga rowgaty yok. Ruhy tarapdan bolsa gaty eżiz- gozi ýaşly, mydam pikirli we aladaly. Ine, şeýle gahryman diňe bir şygyrda dal, asyl poeziýanyň butin süňňüne ornapdyr. Onuň aladasy tukeniksiz, egsilmez, emma anyk dal. Dogry, biz şu pikiri nygtamak arkaly, Şüküriniň hut oz sub`ektiw durmuşy bilen bagly doran biografik hasietli şygyrlaryny goz öňünde tutmayarys. Bu şygyrlarda arly gahrymanyň ahli duýgularynyň real esaslary we sebapleri bar. Durmuş gurmak, żaý edinmek, oz dogduk mekanyna gocmek, şa bilen duşuşmak yaly arzuwlary puża cykan gahrymanyň zeýrençleriniň ahlisiniň sebabi anyk we aýdyň! Biz abstrakt duygular barada aydyarkak, Şüküriniň gahrymanynyň żemgyet, synpy garşylyklar, umuman durmuşyň sotsial gurluşy baradaky oylanmalaryny goz öňünde tutyarys. Bu yagday diňe Şüküriniň döredižiligine mahsus hadysa dal. Xatda klassyk şahyrlarymyz hem şu meselede umumy ceper pikirlenme bilen ýaşaýardylar.

Şüküri hem romantiki poeziýanyň şu dabine wepaly şahyr hokmunde dowur bilen oňuşmaýan adamyň yuregini acyp gorkezmekde uly bir şahyrana alemi doreden şahyrdyr. Eysem, onuň oz ruhy we daşky portretini çekişini bir mysal bilen synlap göreliň:

Baş- ayagym tamamy hażatdyr,
Xer bir hażat-hażatda kuwhi-mahnetdir.

Her biri mahnet icre yuz hary,
Her biri harnyň müň azary.

Her bir azary yuz sutem pişe,
Her sutem yuz tumen elem pişe.

Her elemde tumen-tumen gamdyr,
Her biri gam helakime semmidir.[1]

Şeýle gussacylyk aheňi Şüküriniň diňe şu şygyrda edyan ahy-nalasy bilen caklenmeyar. Ol nala «Şikaýat» poemasynda, «Şüküri», «Etmedi» redifli gazallarynda has çuň we yiti duyalyar. Yokarky setirleri okan her bir okyży bu gussany romantiki gaygycyllykdygyny aňlap biler. Cunki romantiki eserdaki duygy anyk daldir we syrlydyr, caksizdir we tukeniksizdir. Bu getirilen bentlerde Şüküriniň nameden mahnet cekyani, şol mahnetleriň «Azaby, sutemi, gamy» anyk dal, şahyr tukeniksiz nala bilen żibrenip otyr.

Şüküriniň şahyrana stili galplygyň iň yokary dereżesine eten feodal żemgyetde alżyraň hem başagaý hala eten adamynyň poetik obrazyny koptaraply hem doly işläp bilen roiantiki stildir. Onuň gahrymany şu galagoply żemgyetiň doreden we formalaşdyran hasiet we ahlak normalarynyň mohum taraplaryny ozude żemlän adamdyr. Bitewilikde, alanyňda bu adam-şahsyete gowy durmuşy islan, erkanalygyň-gelżegiň tarapyny tutyan payhasly bir akyldardyr.

[1] Inw №2163, 7,8 sax.

## Peydalanylan edebiýatlaryň sanawy.


1.Abdyllaew O. Turkmen prozasynda dap we tazecillik. Aşg.1972.

2.Abdyllaew O. Edebiyat teoriýasynyň esaslary. Aşg. 1972.

3.Xayitmetow A. Şark adabiyotining iżodiý metodi tarihidan. Toş.1970.

4.Belinskiy W.G. Polnoe sobranie socineniy.t.1.M. 1953.

5.Muginow Z.T. Turkmenskiy poet XIX weka Abdyşukur Şukuri.- «Turkmenistan YA-yň habarlary» 1960 №6.

6.Reżebow R. XVIII-XIX asyrlar turkmen edebiýatynyň dörediżilik stili. Aşgabat.1969.

7. Reżebow R. Edebiyat ylmyna degişli terminleriň sozlugi. Aşg.1970.

8. Annamuhammedow M. Şüküri we XIX asyr turkmen poeziyasynda romantiki stil`. Aşg.1978.

9. Zumaew K. Turkmen poeziyasynda dap we tazecillik. Aşg.1967.

10. Garryew B. Magtymguly we edebiyatdaky realistik ugur. Aşg.1976.

## Mazmuny.


Giriş……………………………………………………………………….. 4

I.Bap. Şüküriniň  lirikasynda romantiki motiwler………………………15

1. Romantizmiň ideya-estetiki esaslary  we Şüküriniň lirikasy…………… 15

2.Romantiki lirikada sotsial mesele we ceper oýlanyş…………………….. 39

II.Bap. Romantiki lirikada hasiet problemasy we ony yuze cykarmakda sub`ektiw-emotsional dap……………………………………………….. 47

1. Şüküriniň lirikasynda hasiet problemasy………………………………47

2. Şüküriniň lirikasynda romantiki peýzaż………………………………. 52

Netiże……………………………………………………………………… 57

Peydalanylan edebiýatlaryň sanawy……………………………………….. 62